TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK DEREJESI MILLETLER BILELEŞIGI TARAPYNDAN ÜÇ GEZEK YKRAR EDILEN TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ DÖWLETLERI WE ABRAÝLY HALKARA GURAMALAR BILEN GATNAŞYKLARY YZYGIDERLI ÖSDÜRÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
24-nji iýul, 2026. Belgisi 30/1700



# TÜRKMENISTAN–BMG: PARAHATÇYLYGYŇ HATYRASYNA HYZMATDAŞLYK

***20-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Türkmenistanda täze bellenilen hemişelik utgaşdyryjysy hanym Sýaoszýun Greýs Wany kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.***

Diplomat mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz bilen duşuşmagyň özi üçin uly hormatdygyny aýtdy. Hanym Sýaoszýun Greýs Wan döwlet Baştutanymyzyň başda durmagynda Türkmenistanyň ösüşiň we özgertmeleriň ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz Sýaoszýun Greýs Wany Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy wezipesine bellenilmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, oňa Türkmenistan bilen Milletler Bileleşiginiň arasynda ýola goýlan netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmekde alyp barjak jogapkärli diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Baş sekretar Antoniu Guterrişe iň gowy arzuwlaryny beýan edip, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Milletler Bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýändigini belledi.

Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen işjeň gatnaşyk etmek Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyz bilen BMG-niň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli we ýokary netijeli häsiýetini kanagatlanma bilen belledi. Ýurdumyz parahatçylygy üpjün etmäge, öňüni alyş diplomatiýasynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmaga uly ähmiýet berýär. Energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge, üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmäge hem-de daşky gurşawy goramaga gönükdirilen möhüm başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýär. Türkmenistanyň bu başlangyçlary halkara derejede giň goldawa eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiz geçen ýyl ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara çäreleriň ýokary derejede geçirilendigini aýdyp, bu gurama bilen hyzmatdaşlygyň gün tertibinde «Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşine uly orun berilýändigini nygtady. Bu geňeş parahatçylyk we howpsuzlyk, ykdysadyýet, durnukly ösüş, bilim, howanyň üýtgemegi, ynsanperwer meseleler ýaly ileri tutulýan ugurlar boýunça Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşmak üçin möhüm bolup durýar.

«Ýurt meýilnamalaryna esaslanýan köpýyllyk hyzmatdaşlykda ýurdumyzda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen birnäçe bilelikdäki taslamalary üstünlikli durmuşa geçirdik we geçirýäris. Häzirki wagtda hyzmatdaşlygymyz «Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlyk etmegiň 2026 – 2030-njy ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamasynyň» çäklerinde amala aşyrylýar. Maksatnama ýurdumyzyň BMG bilen uzak möhletli hyzmatdaşlygynyň yzygiderli alnyp barylýandygyny görkezýär» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Türkmenistanyň halkara gün tertibiniň derwaýys meselelerini çözmekde Birleşen Milletler Guramasynyň oňyn ornuna ýokary baha berýändigini belledi.

Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda howanyň üýtgemegi we onuň zyýanly netijelerine garşy göreşmek meselelerine dünýä bileleşigi tarapyndan aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawy goramak ýurdumyzda alnyp barylýan giň möçberli durmuş-ykdysady özgertmelerde ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Döwlet Baştutanymyz bu işleriň çäklerinde Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini, çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmek barada degişli başlangyçlary öňe sürendigini belläp, ýurdumyzyň geljekde hem Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

Sýaoszýun Greýs Wan Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasyna wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hanym Sýaoszýun Greýs Wanyň alyp barjak jogapkärli işiniň Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmäge uly goşant goşjakdygyna ynam bildirip, diplomata ýene-de bir gezek işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## Döwletlilik ýörelgesi

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny dabaralandyrýan «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary esasynda ýurdumyzda ähli ugurlarda sazlaşykly ösüşler gazanylýar, halkymyzyň durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar, Watanymyzyň şan-şöhraty dünýä dolýar. Şunda ata-babalarymyzyň asylly ýol-ýörelgeleri, müňýyllyklaryň dowamynda kemala getiren ajaýyp gymmatlyklary halkymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Täze taryhy döwürde okgunly ösüşlerimiziň, döwletlilik ýörelgelerimiziň dowamat



dowamdygyna buýsanýarsyň. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk toýuna barýan halkymyz möhüm taryhy wakalary başdan geçirýär. Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň möhüm meselelerine garaldy. ■ 2

## Ýokary okuw mekdeplerinde jogapkärli möwsüm dowam edýär

Türkmenistanyň döwlet syýasatynda ylym we bilim ulgamy milli ösüşiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yglan edilen «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeler has-da giň gerime eýe bolup, ýaşlaryň döwrebap bilim almagyna, ylmyň ösüşine we innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Hem-



mämiziň bilşimiz ýaly, häzirki wagtda dalaşgärler ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine resminamalaryny tabşyrýarlar.

Resminamalary kabul etmek tamamlanandan soňra ýokary okuw mekdeplerinde hünärmen we bakalawr maksatnamalary boýunça okuwa girjek dalaşgärler üçin giriş synaglary başlanar. Dalaşgärler üçin giriş synaglary bellenen senelerde geçiriler we awgust aýynyň ahyrynda tamamlanar. Giriş synaglary ýokary okuw mekdeplerinde amala aşyrylar. ■ 2

# ÝUNESKO-nyň IŞLERI BARADA TÜRKMENISTANYŇ MILLI TOPARYNYŇ MEJLISI

***20-nji iýulda hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Daşary işler ministrliginde BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, ugurdaş ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Mejlisiň dowamynda BMG-niň bu ýöriteleşdirilen düzümi bilen özara gatnaşyklaryň meseleleriniň giň toplumyna garaldy hem-de netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň meýilnamalary kesgitlendi.***

Türkmenistan medeni ýadygärlikleri hem-de tebigy landşaftlary goramak boýunça halkara işde möhüm orny eýeleýän, umumadamzat gymmatlyklaryna we her bir halkyň mertebesine hormat goýmaga esaslanýan açyk dialogy ýola goýmaga ýardam edýän gurama bolan ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Mejlisde hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň 2026-njy ýylyň ýanwar – iýun aýlarynda alyp baran işleriniň jemleri we şu ýyl üçin meýilnamada bellenen wezipeler baradaky maglumatlar diňlenildi.

Nygtalyşy ýaly, hasabat döwründe ÝUNESKO-nyň baş hem-de sebitleýin edaralarynyň ýolbaşçylarydyr hünärmenleri bilen sebit we halkara hyzmatdaşlygyň wajyp meseleleri boýunça sanly ulgam arkaly jemi 11 gepleşik geçirildi. Ýurdumyzyň wekilleri ÝUNESKO tarapyndan guralan geňeşmelerdir okuw maslahatlarynyň 10-dan gowragyna gatnaşdylar. Türkmenistanyň bilim ministriniň şu ýylyň 25-nji martynda ÝUNESKO-nyň Parižde ýerleşýän ştab-kwartirasynda Bilimiň ösüşine gözegçilik boýunça ählumumy hasabatyň tanyşdyrylyşynyň çäklerinde geçirilen çärelere gatnaşmagy hem-de guramanyň ýolbaşçylary bilen duşuşmagy möhüm waka boldy. Munuň özi bilim ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi üçin täze mümkinçilikleri açdy.



Mälim bolşy ýaly, ekologik abadançylygy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak ÝUNESKO-nyň alyp barýan işleriniň esasy ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda guramanyň «Adam we biosfera» maksatnamasynda, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýalarynda bellenilen wezipeleri berjaý etmäge gönükdirilen dürli ekoforumlar we beýleki çäreler guraldy. ■ 2

### Täze gurama döredildi

17-20-nji iýulda Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý şäherinde emeli aň çözgütleri babatda hyzmatdaşlyk boýunça Bütindünýä guramasyny döretmek barada ylalaşyga gol çekildi. ■ 4

### Dünýäniň süýji suw gorlary

Ýer ýüzündäki suwuň 3 göterimini süýji suw emele getirýär. Süýji suwuň esasy bölegi buzluklarda saklanýar. Galan bölegi bolsa, derýalarda, köllerde we ýerasty suw gatlaklarynda jemlenýär. ■ 5

### Iň uly ýapyk akwapark

Berliniň 50 kilometr günortasynda ýerleşýän «Tropical Islands» seýilgähi dünýädäki iň uly ýapyk akwapark hasaplanýar. Gümmez şekilli bina öň uçarlar üçin angar bolup hyzmat edipdir. ■ 6

### Dünýä Kubogy 2026: sanlar, hasabatlar, gyzykly maglumatlar

Dünýä Kubogynda jemi 104 duşuşyk geçirilip, şolarda 308 gol hasaba alyndy. Iki görkeziji hem iň ýokary statistika bolup, ortaça alnanda, her oýna 2,96 goldan düşýär. ■ 8

## Buzlugyň çägi kiçeldi

Kosmos arkaly geçirilen barlaglarda demirgazyk polýusdaky buzuň çäginiň 2024 – 2025-nji ýyllarda 5,8% kiçelendigi ýüze çykaryldy. Sebitiň buzunyň çägi 1979-njy ýyldan bäri ölçenýär. Ýeriň demirgazyk we günorta polýuslaryndaky buz gatlagynyň çägi gyşyna ulalýar, tomsuna kiçelýär. Käbir ýyllarda buzluklaryň çägi giňelýän bolsa, kä ýyl kiçelýär.

Bu baradaky ylmy işiň awtory, Angliýanyň Southempton uniwersitetiniň mugallymy Alessandro Silwano adatça, buzlugyň geçen ýyldaky ýaly köp mukdarda kiçelmeýändigini, emma bu ýagdaýyň häzirki howa şertlerinde bolup biljekdigini belleýär.



Buzluklar diňe bir polýuslaryň däl, eýsem, bütin Ýer ýüzüniň howasynyň ýagdaýyna hem täsir edýär. Ýer togalagynda demirgazyk ýarym şarda gyş pasly bolanda, günorta ýarym şarda tomus bolýar. Şol sebäpli demirgazyk polýusda (Arktika) gyş pasly höküm sürýän wagty günorta polýusda (Antarktika) tomus dowam edýär. Bu ýagdaý planetanyň howasynyň deňagramly bolmagyny üpjün edýär.

## Zarýady 45 güne ýetýär

HMD kompaniýasy uzak wagtlap zarýad saklaýan telefonyny tanyşdyrdy. «Nokia 300 4G Power Bank» atly telefonyň zarýady 45 güne çenli ýetýär. Gerek bolan mahaly telefony beýleki enjamlara zarýad bermek üçin hem ulanyp bolýar. Adatdaky ýaly, düwmeli telefonyň yz tarapynda kamera hem ýerleşdirilipdir. Enjamyň gabarasy berk bolup, kyn iş şertlerinde hem ulanmaga mümkinçilik berýär. Telefonyň batareýasynyň kuwwaty 3 700 mA/sagat bolup, 26 sagada çenli gepleşmäge mümkinçilik berýär. Enjama tozana we suwa garşy çydamlydygyny aňladýan IP65 sertifikaty hem berlipdir. Ýokarky böleginde ýerleşdirilen çyra adaty telefonlardan 5 esse güýçli ýagtylyk saçýar. Telefonyň ýany bilen dört görnüşli enjama zarýad berýän uçlary bolan USB kabeli hem berilýär. 2,4 dýuým ekranly enjamda SMS, FM radio ýaly esasy aýratynlyklar bar. Şeýle hem 0,3 MP durulygynda kamera, 4G arabaglanyşyk we «microSD» kart bar. Gara, ýaşyl we altynsow reňkli görnüşleri bolan telefon 32 dollar baha bilen satuwa çykarylar.



## Gibrid ýangyçly uçaryň ilkinji rekordy

«GE Aerospace» kompaniýasynyň gibrid ýangyçly uçary geçirilen synag uçuşynda 30 müň fut (9 144 m) ýokary galyp, rekord goýdy. Şeýlelikde, elektrik energiýasy hem-de nebit ýangyjy bilen işleýän «Saab 340B» uçary adaty ýolagçy uçarlarynyň uçýan belentligine galdy. Şeýle hem uçuş wagtynda uçaryň batareýalaryna hem zarýad berlendigi mälim edildi.

Häzirki wagtda awtoulaglaryň we gämileriň elektrik energiýasy we gibrid görnüşleri az däl, emma uçarlarda bu tehnologiýa doly ýaýramady. Gysga aralyklara uçýan kiçi görnüşli howa gämileriniň batareýa bilen işleýänleri bar hem bolsa, uly göwrümli ýolagçy uçarlary adaty ýangyç bilen işleýär.



«GE Aerospace» kompaniýasynyň bu synagyna NASA, «BETA Technologies» hem-de «Boeing» ýaly tehnologiýa ägirtleri goldaw berdi. Synag uçuşynda adaty ýolagçy uçary bolan «Saab 340B» howa gämisi ulanyldy. Adatça, bu uçarlar 36 ýolagçy orunlyk bolup, sebitleýin uçuşlary amala aşyrmakda peýdalanylýar.

Mundan ozal «Ampaire» kompaniýasy «Cessna 337 Skymaster» atly has kiçi görnüşli uçaryny elektrik energiýasynda işleýän motor bilen üpjün edipdi. Geçirilen synagda uçar 12 sagat yzygiderli uçupdy. 2 müň 213 kilometr ýol geçen uçar ýere gonanda, batareýalarynda 15% zarýad bardy.

## Iň gowy çörek önümleri

Dünýäniň dürli aşhanalaryna degişli tagamlar barada yzygiderli maglumat taýýarlaýan «Taste Atlas» platformasy çörek görnüşleriniň sanawyny taýýarlady. Sanawa çöregiň diňe ýuka görnüşleri girizilipdir. Naan (Hindistan), parotta (Malaýziýa we Günorta Hindistan) we msemen (Marokko) öňdäki orunlary eýeläpdir. Tamdyra ýapylyp bişirilýän naanyň ýüzüne saryýag we sarymsak çalynýar. Çöregiň parotta atly görnüşi birnäçe gezek ýaýylandan soňra düýrlenip gaýtadan ýaýylýar. Şeýlelikde, saçda bişirilýän çörek gatlakly we kibirdewük bolýar.



Msemen bolsa, ýuka ýaýylan hamyrdan bişirilýär. Saçda bişirilýän gatlakly çöregiň bu görnüşi dörtburç bolýar.

Sanawa pýadina (Italiýa), bazlama (Türkiýe), pol-roti (Şri-Lanka), paratha (Hindistan), appam (Hindistan), injera (Efiopiýa) we ýufka (Türkiýe) ýaly çörek önümleri girizilipdir.

# DÖWLETLILIK ÝÖRELGESI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzda alnyp barylýan işler gönüden-göni döwlet ähmiýetli, ynsan hakyndaky aladadan gözbaş alyp, adamzadyň bähbidine gönükdirilendir. Ata Watanymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan aýdyň ýolundan milli gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýyp, şöhratly taryhymyzy äleme tanadyp, bedew bady bilen öňe barýan halkymyz peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, mukaddes Garaşsyzlyk baýramymyzyň 35 ýyllyk toýuna barýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 23-nji sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde Watanymyzda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen belent sepgitleriň netijeleri jemlener, öňde duran möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylar. Halk maslahaty ösüşiň, agzybirligiň berk binýadydyr. Il agzybirligine hem jebisligine esas bolup, döwlet bilen halky mizemez bitewi bir güýje öwürýän Halk Maslahatynyň ýurdumyzyň bedew batly ösüşlerinde özüne mynasyp belent paýy bardyr.

Geňeşli biçilen donuň gysga bolmaýandygyna ir döwürler göz ýetiren halkymyz döwlet, jemgyýet, maşgala bilen bagly islendik meseläniň çözgüdini maslahatlaşmak arkaly kabul edipdirler. Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesinden, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş şygaryndan ruhlanyp ýaşaýan halkymyz taryhy wakalara şaýat bolýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilmeginde uly many bar.

Görogly beg ýaly gaýratly hem edermen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdiren Jygaly beg hem öz agtygyna eden pendinde ynsan durmuşyny manylaşdyrýan köp sanly nusgalyk edim-gylymlaryň hatarynda ýaşuly nesle hormat-sylag goýmagyň durandygyny ündäp:

*Ýaşulular geňeş etse,*
*Ýagşy-ýamana göz ýetse,*
*Il-halkyň bir iş tutsa,*
*Sen ondan galyjy bolma! –*

diýip, ýaşajyk Göroglynyň aňyna ýaşulularyň hergiz ýagşy-ýamana göz ýetirmän iş etmejekdiklerini, şeýle geňeşli işiň başynda durmagyň bolsa ilhalk bilen bir bitewüligi aňladýandygyny guýýar.



Ata-babalarymyz ýaşululardan maslahat soramagy ündäpdirler. «Geňeşene giň dünýä», «Geňeşli don gysga bolmaz», «Mert söweşde belli, dana – geňeşde», «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» ýaly pähimler hem muňa şaýatlyk edýär. Goý, halkynyň şöhratly taryhy, şanly şu güni, nurana geljegi ugrunda gijesini gündiz edip zähmet çekýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutýan tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Mährijemal BEREKETOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 45-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# ÝUNESKO-nyň IŞLERI BARADA TÜRKMENISTANYŇ MILLI TOPARYNYŇ MEJLISI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

UNITWIN maksatnamasynyň çäklerinde alnyp barlan meýilnamalaýyn işleriň netijesinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynda «Sanly ylym» atly ÝUNESKO kafedrasynyň açylyş dabarasy geçirildi. Şeýle hem degişli döwürde ýurdumyz tarapyndan hödürlenen 6 sany orta mekdep ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepleriniň toruna goşuldy.



Indi ençeme ýyldan bäri ýurdumyzda dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bölegi bolan taryhy-medeni, tebigy ýadygärlikleri gorap saklamak hem-de halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak mirasyny giňden wagyz etmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýylyň başyndan bäri türkmen tarapynyň teklipleri esasynda milli mirasymyzyň üç gymmatlygyny ÝUNESKO-nyň sebit we halkara sanawlaryna girizmek üçin möhüm resminamalar taýýarlanyldy hem-de hödürlenildi. Şunda gürrüň, hususanda, ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek üçin hödürlenen Türkmenistanyň endemik dermanlyk ösümlikleri bilen baglanyşykly halk lukmançylygyndaky däpleri hem-de tahýa taýýarlamagyň sungaty we ony geýmegiň däpleri, şeýle-de «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň Aziýa – Ýuwaş umman sebitleýin sanawyna girizilmegi teklip edilen, VIII asyrda ýaşap geçen meşhur alym, akyldar sopy Ybraýym Edhemiň durmuşy we filosofiýasy barada ýurdumyzyň golýazmalar gaznasynda saklanylýan ýazuw gymmatlyklary barada barýar. Mundan başga-da, ýylyň başyndan bäri ýurdumyzda milli mirasymyzy öwrenmäge we gorap saklamaga, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen 40-dan gowrak medeni-köpçülikleýin çäre guraldy.

ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň mejlisinde şu ýylyň meýilnamasynyň çäginde guramanyň düzümlerinde ýurdumyzyň ornuny pugtalandyrmaga, dürli ulgamlardaky bilelikdäki taslamalaryň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de guramaçylyk we beýleki meselelere garaldy.

## Ýokary okuw mekdeplerinde jogapkärli möwsüm dowam edýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Geçen ýyl ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine talyplyga kabul edilenleriň sany 17 müňe golaý boldy. 2026-njy ýylda ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň meýilnamasyna laýyklykda, bu görkeziji 18 müňden geçer, ýagny 1239 dalaşgär köp kabul ediler. Türkmenistanyň barha ösýän ykdysady kuwwatyny, dürli ugurlar boýunça hünärmenleriň zerurlygyny nazara alyp, 2026 – 2027-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň we taýýarlygyň ugurlarynyň jemi 20-si açylýar. Hünärmen maksatnamasy boýunça jemi 10 hünär, bakalawr maksatnamasy boýunça 4 taýýarlygyň ugry hem-de magistr maksatnamasy boýunça 6 taýýarlygyň ugry göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetinde bakalawr maksatnamasy boýunça emeli aň we ekspert ulgamlary taýýarlygyň ugry, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň Politehniki orta hünär okuw mekdebinde emeli aň we maglumatlary seljermek hünäriniň açylmagy türkmen ýaşlarynyň häzirki zaman tehnologiýalaryna işjeň aralaşmagyna giň mümkinçilik döreder.

Häzirki wagtda gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan iki sany ýokary okuw mekdebiniň täze binalar toplumy täze okuw ýylynda ulanmaga berler. Olar Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň döwrebap binalar toplumydyr.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň binagärlik keşbi, 15 gatdan ybarat esasy binasy görenleri haýrana goýýar. Toplumyň düzümine girýän 4 sany döwrebap okuw binasy, 1 müň orunlyk kaşaň mejlisler zaly, ylmy neşirler bilen üpjün ediljek kitaphana, sergi merkezi we dünýä ölçeglerine laýyk gelýän sport toplumy bitewi sazlaşygy emele getirýär. Taslamada türkmen halkynyň gadymy medeni mirasy we döredijilik ruhy bilen innowasion çözgütler utgaşdyrylandyr.

Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty bolsa, dolandyryş-okuw binasyny, bu ýerde ýerleşýän 700 we 200 orunlyk mejlisler zalyny, fakultetler üçin 2 sany okuw binalaryny, mugallymlara niýetlenen 12 öýli 1 sany jaýy, talyp ýaşlar üçin 2 müň orunlyk 5 sany umumyýaşaýyş jaýyny, 1000 orunlyk naharhanany, 700 orunlyk kitaphanany, 500 orunlyk stadiony, sport zalyny we 3 sany sport meýdançany, her biri 200 awtoulaga niýetlenen açyk we basyrmaly awtoduralgalary öz içine alýar.



Umuman, ýurdumyzda ýaşlaryň ýokary hilli bilim almagy, ylym bilen meşgullanmagy, giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine işjeň gatnaşmaklary, innowasion başlangyçlaryny we döredijilik pikirlerini durmuşa geçirmekleri üçin ähli amatly şertler döredilýär.

Halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy, ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyklykda bilim alyp, ökde hünärmenler bolup ýetişmekleri ugrunda yzygiderli tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Ýagşygül BAÝGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň esasy kitaphanaçysy.*

## Bazar ykdysadyýetini kadalaşdyrmak

Ýurdumyzda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy deňhukuklylyk, özara peýdalylyk we bu işe çekilen taraplaryň bähbitlerini hasaba almak, şeýle-de ýurtlaryň we sebitleriň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrmagyň, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm guraly hökmünde garamak esasynda ösdürilýär. Ata Watanymyz maliýe-ykdysady giňişliginiň açyklygyny üpjün edýär, ähli döwletler, halkara ykdysady we maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk saklaýar, ykdysady meseleleri çözmekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam berýär.

Häzirki zaman ykdysady ylmynda «erkin bazar» we «döwlet kadalaşdyrylyşy» biri-birini bäsdeş dälde, biri-biriniň üstüni ýetirýän düşünjeler hökmünde garalýar. Bazar öz-özüni sazlaýan kuwwatly güýç bolsa-da, ol jemgyýetçilik bähbitlerini hemişe doly gorap bilmeýär. Şol sebäpli, ykdysady ösüşiň hili we durnuklylygy döwletiň işjeň gatnaşmagyna baglydyr. Bazar mehanizminiň «şowsuzlyklary» we kadalaşdyrmagyň zerurlygy bar. Ykdysady nazaryýetde bazaryň kadalaşdyrylmagyny talap edýän birnäçe esasy sebäpler bar. Bazar güýjüniň bir elde jemlenmegi bäsdeşlige päsgel berýär. Döwlet bu ýerde monopoliýa garşy kanunçylyk arkaly bazara täze gatnaşyjylaryň girmegine şert döredýär. Önümçiligiň daşky gurşawa ýetirýän zyýany (meselem, hapalanma) bazar bahasynda öz beýanyny tapmaýar. Bu ýerde döwlet ekologik salgytlar we standartlar arkaly gatyşmaly bolýar.

Ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin döwlet iki sany esasy guraly ulanýar: Döwlet çykdajylaryny we salgyt akymlaryny ulanmak arkaly umumy islegi sazlamak. Milli bankyň üsti bilen puluň mukdaryny we karz göterimlerini kadalaşdyrmak arkaly hümmetsizligiň öňüni almak.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçiş «Döwlet – adam üçindir!» diýen ýörelge esasynda amala aşyrylýar. Bu modelde döwlet diňe gözegçiligi amala aşyrmaýar, eýsem, iri maýadar we sosial kepil hökmünde çykyş edýär. Häzirki wagtda sanly ykdysadyýete geçilmegi dolandyryşyň has aýdyň we netijeli bolmagyna ýardam edýär.

Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman tapgyrynda maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary kadalaşdyryş hyzmatyny täze derejä çykarýar. Sanlylaşdyrmak aşakdaky derwaýys meseleleri çözmäge ýardam edýär. Sanly platformalar alyjylara we satyjylara baha hem-de hiliň hakyky ýagdaýy barada maglumatlary tiz tapmaga mümkinçilik berýär. Bazar kadalaşdyrylyşy diňe ýurduň içine däl, eýsem, daşarky ykdysady gatnaşyklara hem gönükdirilmelidir. Ýerli öndürijileri goramak bilen bir hatarda, dünýä bazaryna bäsdeşlige



ukyply önümleri çykarmak üçin halkara standartlaryna geçmek kadalaşdyrylmalydyr. Milli puluň hümmetini durnukly saklamak eksport-import amallarynyň durnuklylygy üçin esasy şertdir.

Bu amallaryň sanlylaşdyrma we diwersifikasiýa ýoly bilen utgaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna bäsdeşlige ukyply integrasiýasyny üpjün edýär. Döwlet tarapyndan goldanylýan bazar ykdysadyýeti modeli ilatyň sosial goraglylygyny saklamak bilen bir hatarda, ykdysady ösüşiň täze, ýokary depginlerine çykmaga mümkinçilik berýär.

**Bekgi ARSLANOW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistranty, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

## Türkmen ýaşlary Halkara olimpiadada baýrakly orunlara mynasyp boldular

10 – 21-nji iýulda Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý şäherinde «67th International Mathematical Olympiad, IMO-2026» atly 67-nji Halkara matematika olimpiadasy geçirildi. Halkara bäsleşigine jemi 119 döwletden 685, ýurdumyzdan 6 zehinli okuwçy gatnaşdy. Bu barada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň web saýtynda habar berilýär.



Halkara matematika olimpiadasynyň jemi boýunça Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 40-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Agaperman Berdimyradow kümüş, Aşgabat şäheriniň matematika we iňlis dili okuw dersleri çuňlaşdyryp öwredilýän ýöriteleşdirilen 49-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Begenç Akmyradow, Aşgabat şäheriniň iňlis dili, himiýa we biologiýa okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 86-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Mälikşa Meýlismyradow we şol mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Hemra Gurbanow bürünç medallary gazandylar.

Şeýle-de 10 – 19-njy iýul aralygynda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde 58-nji Halkara himiýa olimpiadasy geçirildi. Bu olimpiada Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň topary gatnaşdy. Bäsleşikde mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy Pälwan Ilmämmedow kümüş medala, 12-nji synp okuwçylary Diýar Döwletow, Aýlar Orunowa hem-de Rüstem Jumaýew bürünç medallara mynasyp boldular.

Soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistanyň milli ýygyndy toparynyň agzalary Halkara himiýa olimpiadalarynda jemi 33 medala – 1 altyn, 12 kümüş we 20 bürünç medala mynasyp boldular. Bu guwandyryjy netijeler hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýaş nesliň döwrebap bilim almagy hem-de halkara derejede üstünlik gazanmagy üçin döredilýän giň mümkinçilikleriň aýdyň netijesidir.

## Iri kompaniýalaryň bazar bahasy artdy

«Nvidia», «Alphabet», «Apple», «Microsoft», «Amazon», «Tesla» we «Meta» kompaniýalarynyň şu ýylyň birinji çärýegindäki bazar bahalary 115 milliard 300 million dollar artyp, jemi 22 trillion 100 milliard 800 million amerikan dollaryna ýetdi. Şeýlelikde, iri tehnologiýa kompaniýalarynyň umumy bazar bahasy 22 trillion 100 milliard 800 million dollara ýetdi. Bu döwürde «Alphabet»-iň bazar bahasy 14,4% artyp, 4 trillion 326 million dollara ýetdi. Şeýlelikde, kompaniýa ilkinji gezek 4 trillion dollarlyk sepgitden geçdi. «Nvidia»-nyň bazar bahasy 6,8% köpelip, 4 trillion 842 milliard dollara, «Apple»-iň bazar bahasy 8,2% ýokarlanyp, 4 trillion 671 milliard dollara, «Amazon»-yň bazar gymmaty 3,9% ýokarlanyp, 2 trillion 563,8 milliard dollara deň boldy.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 24-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119125
Belgisi: 30/1700
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# AŞYK AÝDYŇ PIR

Ýurdumyzyň Daşoguz welaýaty döredijilik zehinine eýe bolan taryhy şahsyýetleriň onlarçasynyň mekanydyr. Şolaryň biri hem Aşyk Aýdyň pirdir. Ylmy edebiýatlarda Aşyk Aýdyň piriň doly ady Şihabuddin Abu Hafs Omar ibn Abdyllah as-Sührawerdi görnüşinde duş gelýär. Onuň edebi keşbi, ýokary sazandarlyk ukyby, akyldarlyk ussatlygy we taryhy döredijilik kuwwaty bilen baglanyşykly gymmatly maglumatlar halkymyzyň «Görogly» eposynda, «Nejep oglan», «Şasenem-Garyp» dessanlarynda hem-de şahyrana liriki-epiki žanrlardaky eserlerde, gazallarda, kyssalarda, hekaýatlarda, rowaýatlarda, etnografik çeşmelerde köp duşýar. Türkmen halkynyň durmuşynyň etniki, arheologiki, taryhy, çeperçilik, ylmy, ruhy we milli umumylygynyň özboluşly wakalarynyň köpsanly häsiýetlerini özünde jemleýän «Görogly» eposyndaky:

**Mundan gitseň Şähribossan baryp git,**
**Aşyk Aýdyň pirden pata alyp git –**

diýen şatlyk çeşmesine öwrülen şahyrana setirleri ýurdumyzyň demirgazyk sebiti bilen baglanyşyklydyr. Taryhy çeşmelerde Aşyk Aýdyň piriň 1145-1234-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçendigi bellenilýär. Ol orta asyr Şähribossan, Tus, Zenjan, Nişapur, Horasan, Hemedan, Bagdat, Buhara, Samarkant, Töwriz, Şiraz, Hyrat mekdeplerinde okap, çuňňur we köptaraply, düýpli bilim alypdyr. Mertebeli alymyň ömrüne we ykbalyna hemdem bolan gadymy oturymly Şähribossan medeni oazisiniň gündogarynda Şasenem, Was, Şirwangala, demirgazygynda Diýarbekir, Şamahy, günortasynda Tüniderýa, Akjagelin, günbatarynda Aýböwür, Döwkesen ýaly irki orta asyr merkezleri, hasylly ekerançylyk ýaýlalary ýerleşýär. VII-XIII asyrlar aralygynda gündogar halklarynyň agzeki, ýazuwly edebi döredijiliginde durmuşy duýgulary söz we saz arkaly belent, täsirli, gyzykly, özüneçekiji beýan edýän dessançylyk, sakynamaçylyk, aýdyşyk, mugamçylyk, aruzçylyk, tejnisçilik, hamsaçylyk, gazalçylyk dänleriniň ýaýrawy has-da rowaçlanýar. Poeziýada olara aşugçylyk mekdebiniň ussatlary diýlipdir. XII-XIII asyrlarda Aşyk Aýdyň piriň mübärek ismi Gündogar sebitlerinde aşugçylyk mekdebiniň ähli ugurlary boýunça ylahy zehinli, baý döredijilik gorly, şahyrana ukyply sazanda hökmünde taryhy sahnada has-da arşa galýar. Mertebeli döredijilik dünýäsi halklaryň köpsanly milli çeperçilik kökleriniň hakykatlaryna ýaýrap giden Aşyk Aýdyň pire öz döwründe dutar (tamdyra), gyjak, tebil, goltuk, goşa nagaralary, domra, balaman, rubap, arfa, alt, keman, gopuz, naý, ut, çeň, surnaý, kernaý, dowul, tanbur, sitar, çartar, pençdär, şaştar, deprek, gargy we dilli tüýdük ýaly saz gurallaryny çalmagyň, kakylyp, üflenip, syhalyp çalynýan we kirişli saz gurallarynda şirin owazlary ýerine ýetirmegiň, olary ýasamagyň beýik mugallymy hökmünde uly hormat goýlupdyr. Onuň owazly dünýälerini, saz tebigatyny we heňleriň gözellik lezzetini halklar köräp duran ýşkyň zerli kitaby hökmünde kabul edipdirler. Halk saz repertuarlarynyň baýlaşmagyna we bagşyçylyk sungatynyň kämilleşmegine uly goşant goşan Aşyk Aýdyň pir geçmişde meşhur aryf, Gündogar poeziýasynyň sufizm lirikasynyň iň görnükli wekili, şahyr, orta asyr Köneürgenç edebi mekdebini esaslandyryjy filosof hökmünde tanalypdyr. Onuň durmuş ahlagynda we akyda ygtykatynda (ynamynda) arassaçylyk, uklamak, iýmitlenmek, halal zähmet çekmek, asudalyk, wepadarlyk, sahylyk, dostluk, sabyrlylyk, mätäçlere hossarlyk etmek, sadalyk, hoşniýetlilik, mylakatlylyk ýaly mukaddes kadalar ilkinji basgançagy eýeläpdir. Edebi mirasy onlarça halklaryň medeni baýlyklarynyň umumy, ýakyn we meňzeş ykballaryny öwrenmäge mümkinçilik berýän Aşyk Aýdyň pir barada ilkinji maglumatlar 1330-njy ýylda Yzzatdin Mahmut Aly Kaşininiň, Seýit Şarif Jürjanynyň, Abubakr Muhammet Hawafiniň, Juneýit ibn Abdyrahman Şirazynyň eserlerinde giňişleýin agzalýar. Mübärek we şöhratly adyny asyrlar dessana öwren Aşyk Aýdyň piriň döredijilik ylhamyna Mälik ibn Enesiň, as-Sakatynyň, Baýezit Bistamynyň, Jüneýit Bagdadynyň, Abdylkadyr Gilanynyň, al-Andulysy ibn Arabyň, al-Gazalynyň, al-Faridiniň, Barzuwynyň, Apbas Merweziniň döredijiligi, sanskrit, pehlewi, otparazçylyk edebi gymmatlyklary güýçli täsir edipdir. Ol Farabynyň, Ferdöwsiniň, ymam al-Buharynyň, Abu Abdylla Büreýdäniň, Abu Reýhan Birunynyň, Berbad Merweziniň taryhy taglymatlaryny we ylmy açyşlaryny çuňňur özleşdiripdir. Alymlaryň bellemegine görä, Şihabuddin Abu Hafs Omar ibn Abdyllah as-Sührawerdiniň hadys ylymlaryna degişli 15 sany, mistiki kämillik ylhamyna degişli 20 sany, filosofiýa degişli 10 sany, poeziýa degişli 7 sany kitap ýazandygy bellenilýär. Ýanama we tirme aýdymlaryň orta asyr şahyrana nusgalaryny çeper beýan etmekde ismi alyslara aşan Aşyk Aýdyň pir öz müritlerine müň gün terbiýe, edep kadalaryny, bilim esaslaryny öwrenenden, tarykat, şerigat, magryfet ylymlary, kyrk gün çille çekmek ybadaty boýunça synaglardan geçenden soňra ak pata beripdir. Aşyk Aýdyň pir Abu Bekir Syddyhyň nesil daragtynyň şejere urugynyň wekili hasap edilýär. Gazma dutara dil bitiren Aşyk Aýdyň piriň pikirleri, taryhy hyzmatlary M.Kaşgarlynyň, Alyşir Nowaýynyň, Abdyrahman Jamynyň, Sagdy Şirazynyň, Möwlana Hüseýin Wagyz Käşifiniň, Nejmeddin Kubranyň, Abulgazy Bahadur hanyň, A.Wamberiniň eserlerinde duş gelýär. Danalar ýyldyzynyň gözbaşyna deňelen Aşyk Aýdyň piriň «Ylahy ylhamyň yklymlaryna düşündiriş» atly kitabynyň bardygyny alymlar belleýärler. Orta asyrlarda edebi dilde çeper edebiýatyň we söz sungatynyň baýlyklaryny, halk döredijilik eserlerini ýatdan aýdyjylara we wagyz edijilere ozanlar, atalar, akynlar, aşyk bolup ýşky wysal bolanlar, hafyzlar diýlipdir. Aşyk Aýdyň we Sührawerdi sözleriniň manylarynyň «ýşk bilen ýalkanan», «hümmet beren mälik», «nagmalaryň hökümdary», «bentleriň many goýazylygyny mukamlar bilen düşündirijiň» we «dutar ýasamak senediniň hem-de bagşyçylyk sungatynyň kerwenbaşysy» diýmegi aňladýandygy sözlüklerde beýan edilýär.



Goşa tarlara dil bitiren Aşyk Aýdyň piriň ahlak öndewleri, wagyzlary köpsanly «Fetuwwetnamalarda» («Kämillik ýörelgeleri» baradaky traktatlarda), pentnamalarda duş gelýär. 2012-nji ýylda F.M.Ahrarow tarapyndan Duşenbede «Şihabuddin Abu Hafs Omar ibn Abdyllah as-Sührawerdiniň ruhy-mistiki garaýyşlary» ady bilen, 2015-nji ýylda Sagwand Zeýnep Mähdi tarapyndan «Abu Aly ibn Sinanyň we Şihabuddin as-Sührawerdiniň döredijilik pikirleriniň taryhy deňeşdirme gözleg usulyýeti» ady bilen filosofiýa ylymlary boýunça alymlyk derejelerini almak üçin ylmy işler üstünlikli goralýar. Aşyk Aýdyň piriň durmuş ykbalyny, edebi döredijilik mirasyny we taryhy şahsyýet hökmündäki jemgyýetçilik hyzmatlarynyň ähmiýetini dürli ýyllarda dürli dillerde ylmyň dürli ugurlary boýunça düýpli öwrenmäge köp sanly alymlar, galamgärler, medeniýet wekilleri uly goşant goşdular. Sazyň ylmy we amaly kanunlary, halk saz gurallarynyň sazlaşykly, teselli berýän owazlary, mukamly sungatyň nazary we taryhy tejribeleri arkaly näsaglary bejermegiň ilkinji mekdebini esaslandyran Aşyk Aýdyň pire geçmişde Keý-Hysrow, Keýkubat, Eýýuby, Köneürgenç şalary we soltanlary uly hormat goýupdyrlar we onuň hormatyna dürli sebitlerde wakyf mülklerini (goşmaça ýer böleklerini), hanaka, diwan, saraý köşklerini gurup beripdirler. Bagdat halyfy Abul Abbas Ahmet an-Nasyr, şa Alaeddin Keý-Kibat, soltan Seýweddin Abubekr Ahmet ibn Nejmeddin Eýýuby ibn al-Adyl I, hökümdar Muhammet Alaeddin Dünýäweddin Abulfath Muhammet ibn Tekeş Aşyk Aýdyň piri «ähli yklymlarda ähli pursatda ezizlenmeli, sarpalanmaly şahsyýet hökmünde» görüpdirler. Danyşmendiň taryhy, edebi we jemgyýetçilik orny barada B.N.Basilowyň «Yslamda keramatlylaryň keşbi», P.Brammelliň «Türkmenistan» atly kitaplarynda hem-de «Dünýä halklarynyň hekaýatlary» atly iki jiltlik hrestomatiýada, «Türkmenistan: Magtymgulynyň Watanynyň sungaty» (ABŞ, Smitson institutynyň işleri) atly gollanmada hem gyzykly, özüneçekiji, täsin maglumatlar duş gelýär. Aşyk Aýdyň pir bilen baglanyşykly çeper kyssalary, gazallary ýerine ýetirmek halk bagşylarynyň, kompozitorlaryň, at gazanan artistleriň repertuarlarynda duş gelýär. Dutaryň çirtim, şelpe, pitik, çekim, şirwan, gyruw perdelerinde, kakuwlarynda şirin heňleri labyzly, näziklik bilen dillendiren Aşyk Aýdyň piriň aramgähi gadymy Şähribossan ýaýlasynda – häzirki Aşyk Aýdyň oba geňeşliginiň çäginde ýerleşýär. Aşyk Aýdyň piriň baky aram tapan kümmetinde (ini 7 metr, uzynlygy 14 metr, beýikligi 5 metr) 1990-njy, 2000-nji, 2020-nji ýyllarda düýpli abatlaýyş, rejeleýiş we binagärçilik sungatyň iň kämil nusgalarynda haşamly bezegler ýerine ýetirildi. Bu aramgähde soňky gezek dikeldiş işleriniň XVII asyrda geçirilendigi arheologik maglumatlarda duş gelýär. Geçmişde irki orta asyrlaryň Was, Üstýurt, Uzboý, Üňüz, Hazarasp, Köneürgenç ýaly mekanlaryň, gadymy Turan ýaýlasynyň demirgazyk günbatar sebitleriniň döredijilik mekdepleriniň iň görnükli wekili hökmünde şöhratlanan Aşyk Aýdyň piriň adyny göterýän oba geňeşligi 1996-njy ýylyň 26-njy iýulynda häzirki Ruhubelent etrabynyň merkezinden 12 kilometr demirgazyk-günbatar çäkde döredilýär. Aşyk Aýdyň piriň gadam basan mekanyna golaý künjekde bu günki gün Bagşyly, Oguzboý, Üňüz ýaly sähralar, gyrlar, Şagadam, Egriguýy, Magrupy, Şabende, Maňgyrabat ýaly ýaýlalar, düzlükler, ilatly nokatlar, oba geňeşlikleri döredildi. 1993-nji ýylda oba geňeşliginiň merkezinde türkmen dutarynyň 9 metre golaý altynsow belent heýkeli, 1994-nji ýylda güneşiň nurlaryny ýada salýan reňklerde Aşyk Aýdyň piriň 12 metr belentlikdäki heýkeli oturdyldy. Taryhy wakalary, milletiň mertebesini şöhratlandyrmak maksady bilen döredilen, ylmyň, medeniýetiň, sungatyň gülläp ösmegine aýratyn uly goşant goşan ussadyň adyny göterýän oba geňeşliginiň golaýynda 2008-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Ruhubelent etrap merkezi we şäheri, 2000-nji ýylyň tomsunda we 2024-nji ýylyň bahar paslynda üç müň orunlyk kaşaň, döwrebap täze metjit, medeni-durmuş maksatly desgalaryň onlarça toplumlary gurlup ulanmaga berildi. Aýdym-saz sungaty boýunça ilkinji gezek Aşyk Aýdyň piriň mekanynda 1991-nji ýylyň tomus paslynda halkara festiwaly geçirildi. Bu festiwala 32 döwletden 1200-e golaý bagşy, aýdymçy, sazanda, folklor toparlarynyň agzalary gatnaşdylar. 2013-nji ýylda Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatry tarapyndan «Nejep oglan» we «Görogly» dessany esasynda adybir düzümde spektakllar tomaşaçylara görkezildi. 2019-njy ýylyň 25-nji dekabrynda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan «Nejep oglan» dessany esasynda taýýarlanan täze çeper film ilkinji gezek tomaşaçylara görkezildi. 2020-nji ýylyň 23-nji iýunynda Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynda ilkinji gezek «Nejep oglan» operasy sahnalaşdyryldy. 2015-nji ýylda «Görogly» şadessany, 2021-nji ýylda «Türkmen milli dutar ýasamak senetçiligini we dutarda saz çalmak hem-de bagşyçylyk sungaty» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň Maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizildi. Munuň özi aýdym-sazyň piri, halk çeper döredijiliginiň meşhur ussasy, bagşyçylyk sungatynyň kerwenbaşysy, ady rowaýatlara öwrülen, sazlarda ýaşaýan, mukamlarda ömür sürýän, owazlar ummanynda ýüzýän Aşyk Aýdyň pire halkara derejesinde goýlan beýik sarpa hökmünde hem dabaralanýar.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# USSAT DESSANÇY BAGŞY

## Dessançy bagşy Öre Şyh Käbe ogluny ýagşylykda ýatlap...

Dessançylyk sungatynyň binýadyny goýanlaryň biri-de Öre Şyh Käbe ogludyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Ile döwlet geler bolsa...» atly kitabynda bu ussat dessançy bagşy hakda maglumat berilýär. Öre Şyh Käbe ogly Petek bagşy, Söýeg bagşy, Nazar Baga, Çuwal bagşy dagy bilen birlikde, milli bagşyçylyk sungatymyzyň dessançylyk ýoluny ösdürmekde uly hyzmatlary bitiren ussat halypa bolup, at-owazasy ile dolan bagşy. Ol «Şasenem-Garyp», «Nejep oglan», «Hüýrlukga-Hemra» dessanlaryny, «Görogly» eposyndan birnäçe şahalary ýerine ýetiripdir. Uly toýlary tutuş dessan aýdyp sowan Öre Şyh Käbe ogly uly şöhratyň eýesi bolýar. Ol toýlarda çykyş edende, ony diňlemäge uzak-ýakyn obalardan adamlar pyýada ýol söküp gelipdirler. Halk dessançy bagşa «Nejep oglan» dessanyny ikilenç hem aýtdyryp diňläpdirler. Ol dessany şeýle özboluşly, täsirli ýerine ýetiripdir. Bagşy bu dessany aýdanynda, tomaşaçylar onuň aýry-aýry wakalaryny täzeden aýtdyryp diňläpdirler. Öre Şyh Käbe ogly örän ýatkeş hem-de ýiti zehinli bolupdyr. Ol islendik pursatda islendik dessanyň waka ýordumyny bölekleýin şol bir äheňde we owazda ýerine ýetirmegi başarypdyr.

Ussat bagşynyň dessan aýdanda, dutary göterip, ony gyryk kakuwda çalmagy has-da täsirli bolupdyr. Onuň aýdymy çeküwli aýtmaly ýerinde gara gazmaly ýerinden turup, belent kakuwda aýdym aýtmagy diňleýjilere örän güýçli täsir edipdir. Olar hem ör turup, bagşynyň «howuny» ýetiripdirler.

Öre Şyh Käbe ogly toýlarda aýdýan dessanyndaky her bir gahrymanyň keşbine girip, onuň özboluşlylygyny ýüze çykarypdyr, ýagny ses hem hereket taýdan täsirli beýan edipdir. Ussat halypa dessandaky aýdymlaryň öňki asyl nusgasy bilen birlikde, oňa öz äheňlerini, owaz öwüşginlerini-de goşupdyr. Mysal üçin, «Nejeboglan» dessanyndaky «Töwriziň begleri, sonam geldimi?» atly aýdymy ýerine ýetirende, «jukguldyny» hem-de gaýnawlary özüçe döredip, soňundaky söze täsirli gaýtalama, heň beripdir. Bu bolsa aýdymy has-da süýjedipdir, şonuň bilen birlikde owaz taýdan baýlaşdyrypdyr.

Öre Şyh Käbe ogly ýaşlygynda mal bakyp, çopançylyk edipdir. Ol gum içinde bolup, sazak şahasyndan döwüp, özüne «dutar» ýasanypdyr. Bir gezek gum içiniň obalarynyň birine şol döwrüň belli bagşysy Isa bagşy aýdym aýtmaga gelýär. Ýaş Öre ala köpegine sürini ynanyp, ýorga eşegine münüp, toýa gidýär. Toýda Öre çopan Isa bagşy bilen tanyşýar. Isa bagşy oňa aýdym aýtdyryp, onuň aýdym aýdyşyny barlap görýär-de:

— Ertir aňyrky obada aýdym aýtjak, sen hökman şoňa bar — diýýär.

Öre bu gezek sürini dädesine ynanyp, toýa gaýdýar. Toýdan soň Isa bagşy ony şägirt edinip, ýany bilen öýüne alyp gidýär. Şeýlelikde, bir ýyldan soň, Öre Şyh Käbe ogly hakyky bagşy bolup, eli dutarly öýüne gaýdyp gelýär.

Öre Şyh Käbe oglunyň ilkinji sazandasy Şajan gyjakçy bolýar. Ol örän ýiti zehinli bolup, gyjak çalmaga ussat ekeni. Özi-de köp aýdymlary ýatdan bilýän eken. Şonuň üçinem halypa bagşy dessanyň sözlerini we goşgularyny arkaýyn, emgenmän aýdar eken. Şu ýerde Şajan gyjakçynyň bäş ýaşynda sünnete ýatyrylyp, onuň sünnet toýunda Öre Şyh Käbe oglunyň dessan aýdandygyny bellemek gerek. Şonuň bilen birlikde-de, Şajan gyjakçynyň bäş ýaşynda gyjaga ezberlik bilen erk edendigi dünýä belli kompozitor Mosarty ýadyňa salýar. Ol şol ýaşlarynda toýlarda Öre Şyh Käbe ogluna sazandarlyk edýär. Ýöne Şajan gyjakçy ýaşlygynda aradan çykýar. Şondan soň dessançy bagşa Türkmenistanyň halk bagşysy Sapar Bekiýew sazandarlyk ed-



ýär. Öre Şyh Käbe ogly käteler gözüne ýaş aýlap: «Şajan ýaly gyjakçy dünýäde ýokdur» diýip, ony ýagşylykda ýatlar eken.

Ussat gyjakçy, Türkmenistanyň halk bagşysy Sapar Bekiýewiň Öre Şyh Käbe ogluna sazandarlyk etmegi onuň aýdýan dessan aýdymlaryna täzeçillik girizmek bilen, dessançylyk sungatynda üýtgeşik owazlar peýda bolýar. Bu bolsa halypa bagşynyň il içinde at-abraýyny has-da artdyrýar. Şeýlelikde, Öre Şyh Käbe ogly ömrüniň ahyryna çenli dessançy bagşy hökmünde tanalmak bilen, ol ugurda uly hyzmatlary bitirýär. «Her gülüň bir ysy bar» diýlişi ýaly, Öre Şyh Käbe oglunyň hem özboluşly dessan aýdyş ýoly ýaş bagşylar üçin uly bir sapak bolup galýar. Ussat halypanyň dürli dessanlardan aýdan aýdymlary türkmen radiosynyň altyn gaznasynda saklanylyp, radiodiňleýjilere yzygiderli ýetirilýär.

Ussat bagşynyň ýoluny ogly, Türkmenistanyň halk bagşysy Hojamyrat Öräýew dowam etdiripdi. Häzirki wagtda agtyklary Soltanbagt Rejepowa bilen Baky Rejepow atalarynyň ýoluny dowam edýärler. Bu bolsa Öre Şyh Käbe oglunyň ussatlyk mekdebiniň nesil dowamatyna öwrülendigini aňladýar. Esasy zat bolsa, ussadyň bu ugurda nesiller üçin dessançylyk sungatynyň ebedi nusgalyk mekdep bolup durýanlygydyr. Şeýle sungat mirasyna eýe bolmak bolsa, dessançy ýaşlar üçin uly bagtdyr.

**Akmyrat REJEBOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, dessançy bagşy.*

## EDEBIÝAT

*Wilýam Staýron: «Irwin Şou amerikan edebiýatynyň gysga hekaýa žanrynyň iň görnükli ussatlarynyň biridir. Ol wakalary edil kinodaky ýaly janly suratlandyrmagy başarýar».*

# SEGSEN ÝARDLYK YLGAW




Oňa berlen top gaty ýokardan kelemenläp geldi. Ol batly gelýän topy ýokary towsup, gapyp alanda, diýseň ýeňil gopýardy. Özüne tarap ok ýaly süýnüp gelýän ýarymgoragçydan sypmak üçin berdaşly göwresini yza tesende, aralykdaky garşydaşynyň eli Kristian Darlingiň dyzyna degip galdy. Kristian bolsa meýdançada biri-biriniň üstüne bulam-bujar bolup ýykylan oýunçylaryň üstünden ýeserlik bilen böküp geçdi.

Indi onuň öňünde on ýardlyk boş meýdan galypdy. Kristian ýeňsesinden gelýänleriň aýak seslerini eşidensoň, badyny has-da artdyryp, olardan arany açdy. Şonda garşydaşlarynyň özüni bir gyra gysmaga jan edýändigini, topardaşlarynyň bolsa özüne ýol açmak ugrunda göreşýändigini duýdy. Indi onuň külterlemeli ýoly eliň aýasynda ýaly görnüp ugrady. Öňündäki meýdançanyň barha giňeýändigini gören Kristian ylgap barşyna ýeňil dem alyp ýylgyrýardy. Şol pursat garşysyna çykan goragçynyň göni üstüne topulyp, ony eli bilen itip goýberensoň, çalasyn gyra sowuldy-da, öňe tarap eňdi.

Pellehana barha golaýlaşýan Kristianyň garşysynda diňe iň soňky goragçy galypdy. Garşydaşy bolsa hüşgärligi elden bermän, ätiýaçlyk bilen oňa garşy durmaga çykalga gözleýärdi. Kristian topy mäkäm gysyp, özüniň 90 kilogramlyk göwresini has-da tijäp, bar güýji bilen öňe okdurylyp barýardy. Ol indi şol goragçydan hem geçip gitjekdigine birjik-de şübhelenmeýärdi. Pikir edip durmaga wagt ýokdy. Kristian öňündäki goragçynyň göni alkymyna bardy-da, bir elini öňe uzadyp, batly zarba urdy. Şol pursat garşydaşynyň urga döz gelip bilmän ýüzüni kürşerdip, tüwdürilip gidişini gördi. Kristian ondan hem sowuldy-da, pellehananyň çyzygyna tarap hyjuw bilen okduryldy.

...Şol wagt güýz paslydy. Gijelerine sowuk bolansoň toprak eýýäm gatap başlapdy, stadionyň töwereginde ösüp oturan kerkaw agaçlarynyň sary ýapraklary şemala döz gelip bilmän, türgenleşik meýdançasyna gaýyp düşýärdi. Öýlänlerine türgenleşigi synlamaga gelen gyzlar bolsa, switerleriniň üstünden ýeňiljek paltolaryny atyp başlapdylar. Hawa, ondan bäri eýýäm on bäş ýyl geçipdir. Otuz bäş ýaşly, çal penjekli Kristian ýaz gününiň garaňky gatlyşyp ugran çagy şol köne stadionyň içi bilen haýal ädimläp ýöräp barýardy. Ol şol geçen on bäş ýylyň içinde onçakly semremese-de, agramy on funt töweregi artypdy. 1925-nji we 1940-njy ýyllaryň aralygynda geçen ýyllar onuň ýüzünde öz yzlaryny goýupdy.

Şol gün tälimçi oňa seredip, mähirli ýylgyrypdy. Garaşylmadyk ýerden ikinji düzümdäki oýunçynyň şeýle gowy netije görkezmegi kömekçi tälimçileri begendiripdi. Galyberse-de, bu üstünlik olaryň 2 müň dollar ýyllyk aýlygyny birazajyk hem bolsa kepillendirýärdi. Yzyna ýortup gelýän Kristianyň ruhy belentdi, ýeňillik bilen dem alýardy. Ol bütin segsen ýardy ylgap geçenem bolsa, jinnek ýaly-da ýadawlyk duýman, özüni juda şähdaçyk duýýardy. Galyberse-de, bu ylgaw eýýäm türgenleşigiň iň soňky günüdi. Ýüz-gözünden dökülýän der sport eşigini öl-myžžyk edipdi. Şol wagt meýdançanyň beýleki bir çetinde oýunçylar top zyňyp türgenleşýärdiler. Topuň gürpüldäp çykýan sesi ikindiniň tämiz howasynda diýseň ýakymly eşidilýärdi. Goňşy meýdançada bolsa birinji ýyl talyplar türgenleşýärdiler. Kwoterbekiň ýiti sesi, on bir jübüt butsynyň ýere des-deň urulýan tarpyldysy, tälimçileriň «Boluň, boluň!» diýen buýruklary, talyplaryň şadyýan gülküsi Kristianyň göwün guşuny ganatlandyrýardy. Stadionyň gyrasyndan eşidilýän şowhunly el çarpyşmalar, talyplaryň joşgunly sesleri onuň özüne bolan ynamyny has-da artdyrýardy. Şenbe güni illinoýsly topar bilen boljak oýunda tälimçiniň özüni esasy düzüme goşup, meýdança çykarjakdygyny Kristian eýýäm aňýardy.

...«On bäş ýyl» – diýip, Kristian töweregine nazar aýlady. Ol türgenleşikden soňky gyzgyn duşy, teninden burugsap çykýan bugy, sabyn köpürjiklerini, suwuň astyndan eşidilýän şadyýan hiňlenmeleri hem-de hemmeleriň mähir bilen özüniň arkasyna kakyp gutlaýan pursatlaryny göz öňüne getirdi.

Kristian howlukman geýindi, bedenine rahatlyk berýän ýumşajyk, ýyly eşikleri ony düýbünden başga bir dünýä ataran ýaly boldy. Toparyň kapitany Pakard ýanyna gelip: «Kristian, sen geljek iki ýylda uly sepgitlere ýetip bilersiň» diýip elini gysypdy.

...Iňrik garalansoň, asman garamtyl-gök öwsüp, stadionyň aňyrsynda özboluşly öwüşgin atýardy. Ol boş stadiona göz aýlap durşuna, geçen günleri ýatlap çalaja ýylgyrdy.

Kristian şenbe güni öz topary meýdança ylgap çykanda, stadiona ýygnanan uly mähelläniň şowhunynyň bir böleginiň hut özi üçin boljakdygyny anyk bilýärdi. Luiza bolsa ýoluň gyrasynda, üsti açyk awtoulagynda oňa garaşyp otyrdy. Ol gyza tarap bakanda, dildarynyň nähili owadandygyna ýene bir gezek haýran galdy. Gyzyň egnine düşüp duran altynsow saçlary, bilesigelijilik bilen bakýan mawy gözleri, ýylgyryp duran owadan dodaklary ony bütinleý özüne bendi edipdi. Gyz ruluň başynda oturan ýerinden awtoulagyň gapysyny açdy-da:

– Nätdiň, bu gezek gowy oýnadyňmy? – diýip ýylgyrdy.

– Elbetde, mähribanym, sen muňa asla şübhelenmän bilersiň – diýdi-de, Kristian gyzyň gapdalyna geçip oturdy. Luiza ulagy köle tarap sürdi we olar depeleriň aňyrsyndan Aýyň dogşuny synladylar.

...Otuz bäş ýaşyndaky Kristian Darling iňrik garalyp barýan wagty ýazyň näzik otlarynyň üstünde ýöräp barşyna köne stadiona seredip oýa batdy. Şol şenbe güni Kristian birinji toparyň düzüminde oýna çykdy. Ýöne ähli zat garaşylyşy ýaly bolmady. Topara Alfred Diderih atly öküz ýaly öňüne çykany ýykyp geçýän täze bir oýunçy geldi. Ol bütin utuklary gazanyp, hemmeleriň söýgüli ýyldyzyna öwrüldi. Kristian bolsa diňe onuň öňüni açyp berýän goragçy bolup galdy, bütin şöhrat başga birine nesip etdi.

Kolleji tamamlanlaryndan köp wagt geçmänkä Luiza ikisi durmuş gurdular. Luizanyň kakasy syýa öndürýän uly telekeçidi. Kakasynyň Kristian üçin Nýu-Ýorkda açyp beren söwda edarasy olara ýylda on bäş müň dollar girdeji getirýärdi. Olar pullaryny isleýşiçe sowýardylar, çünki şol döwürde hemme zat, hatda syýa hem örän geçginli harytdy. Olar ýygy-ýygydan teatra gidýärdiler, restoranlarda wagtlaryny şagalaňly geçirýärdiler. Luiza öýlänlerine çeperçilik galereýalaryna aýlanmagy gowy görýärdi, Kristianyň bolsa beýle ýerlerde ýüregi gysýardy. Hepdede üç gezek tennis oýnaýandygy üçin Kristianyň jany polat ýaly berkdi, sagatdy.

Ýöne 1929-njy ýylyň agyr ykdysady çökgünligi Kristianyň maşgalasynyň, onuň gaýyn atasynyň hem gapysyny kakdy. Çökgünlik zerarly batan gaýyn atasynyň ýüregi çydamady we ol dünýäden ötdi. Kristian baş edaranyň hasap-kitaplaryny barlamak üçin Çikago gidende, kärhananyň uly möçberde bergisiniň bardygyny we ammarda satylmadyk birnäçe gallon syýanyň galandygyny bilip galdy. Paltasy daşa degen Kristian Nýu-Ýorka gaýdyp gelensoň ruhdan düşüp, gaýgy-hasrata gark boldy. Tiz wagtda puly gutaran maşgala Bikmen-Pleýsdäki kaşaň öýden göçüp, şäheriň başga bir künjündäki arzanrak öýi kärendesine almaga mejbur boldy.

Luiza oňa:

– Boldy edäý indi, özüňi beýle gussa aldyrma ahyryn – diýip ýalbarýardy.

Kristian bolsa diwardan asylan Pikassonyň we Brakyň eserlerine seredip oturşyna:

– Bu kartinalary näme üçin bärden asdyň? Maňa diňe atlaryň suraty ýaraýar, bulary nireden tapyp getirdiň? – diýip, göwünli-göwünsiz mydyrdady.

– Bolýar, köşeş, men olary häzir aýraryn – diýip, Luiza ýuwaşja dillendi: – Özüňem bilýänsiň, men eýýäm köp ýyl bäri günümi sungat sergilerine gatnap geçirýärin. Bu meniň sygynýan ýeketäk dünýäm ahyryn.

– Bolýa, degme, durubersin. Ýöne men mundan artyk wagtymy dört diwaryň arasynda, hasrat içinde geçirip bilmerin – diýip, Kristian sussupeslik bilen hüňürdedi.

Luiza paltosyny geýdi-de, öýden çykyp gitdi. Şol gün öýe gaýdyp gelende, ol eýýäm zenanlaryň moda žurnalyna işe ýerleşipdi. Indi Luiza her gün irden işe gyssanýardy, Kristian bolsa wagtyny öýde geçirýärdi. Maşgalanyň ähli çykdajylaryny bolsa Luiza çekmeli bolýardy. Luiza žurnalyň redaktorynyň orunbasary wezipesine bellenenden soň, jogapkärçiligi gün-günden artýardy. Ol žurnalyň tiražyny saklap galmak üçin dürli awtorlary çekmäge synanyşýardy, aktrisalar bilen söhbetdeşlik geçirip, olary surata düşürýärdi hem-de täze dostlar tapynýardy. Täze ýere göçüp gelenlerinden soň Kristianyň dost-ýarlarynyň aýagy çekildi. Indi bu ýere Luizanyň işdeş joralary gelýärdi. Ol soňky wagtlar Kristianyň hatda adyny hem eşitmedik üýtgeşik kitaplary okaýardy, durmuşda bolsa, özüni juda ynamly alyp barýardy.

Kristianyň durmuşy bolsa barha dumanlap, tersine gidip ugrady. Şonda-da Luiza oňa edil çaga sereden ýaly çemeleşýärdi, munuň aňyrsynda bolsa diňe rehimdarlyk duýgusy ýatyrdy. Ahyrsoňy Kristian dellallyk edarasynda kiçiräk işe ýerleşip, özüni maliýe taýdan azda-kände üpjün etmegi başardy. Wagt geçensoň, oňa kollejleri aýlanyp, tikinçilik firmasynyň söwda wekili hökmünde penjek-balak satmak işi teklip edildi.

Firmanyň ýolbaşçysy Rozenberg ony boýdan-başa synlap, şeýle diýdi:

– Seniň daşky keşbiň, giň eginleriň kollejiň türgen talyplaryny ýada salýar. Üstesine-de, siziň şol wagtlar Alfred Diderih bilen bir toparda oýnandygyňyzy bilýärin.

Kristian:

– Sen ony görýäňmi? Onuň ýagdaýlary nähili? – diýip gyzyklandy.

– Ol eýýäm ýedi ýyl bäri demir korsetde gezýär. Futbol oýnap ýörkä boýnuna şikes ýetipdir – diýip, Rozenberg uludan dem aldy.

– Ol hem durmuşdan öz paýyny alan ýaly-la – diýip Kristian ajy ýylgyrdy.

Şol gün agşam Kristian Luizanyň gapdalyna geçip oturdy-da, şeýle diýdi:

– Men mundan beýläk hepdede elli-altmyş dollar gazanç edip bilerin. Nýu-Ýorka hem käwagt gelip-gidip duraryn. Biz indi seýrek görüşsek gerek – diýip, aladaly ýylgyrdy. Otuz bäş ýaşly Luiza öňküsindenem owadandy, emma onuň sabyrly hem rehimli bakyşlarynyň aňyrsynda durmuşyň getiren ýadawlygy hem-de kalbyny gurşap alan inçejik gussa duýulýardy.

«Men bu işe gitsemmikäm?» diýip, Kristian soragly nazaryny Luiza aýlan wagty kalbynyň bir künjeginde aýalynyň «Ýok, gitme, ýanymda gal» diýen sözlerine garaşdy. Ýöne Luiza sowukganlylyk bilen:

– Meniň pikirimçe, sen bu işe gitmeli – diýip, parahat jogap berdi. Kristian bolsa ýüzündäki duýgularyny gizlemek üçin dessine penjirä tarap öwrüldi-de:

– Elli dollar az pul däl. Men mundan beýläk beýle pul gazanyp bilerin hem öýdemokdym – diýip, ýasama ýylgyrdy. Luiza hem oňa goşulyp güldi.

...Kristian Darling türgenleşik meýdançasynyň ýumşak gök otlarynyň üstüne çökdi. Stadionyň içini eýýäm garaňky gaplapdy. Uzakda bolsa kollejiň umumy ýaşaýyş jaýynyň lowurdaýan yşyklary görünýärdi.

«On bäş ýyl» – diýip, Kristian içini hümletdi. Ol gözlerini çalaja ýumup, on bäş ýyl ozalky şol güýz gününiň ikindi çaglaryna dolandy – topy elinden bermän, goragçylaryň arasyndan sypyp, pellehana tarap ylgap barýan şol ýigrimi ýaşyndaky özüni göz öňüne getirdi. Şol pursat onuň ömrüniň iň belent nokadydy, iň soňky şatlygydy, şondan soňky durmuşy diňe eňňitden aşak inen ýalydy. Kristian ajy ýylgyrdy. Kristian 1929-njy ýylyň ykdysady çökgünligine-de, Nýu-Ýorkuň kyn durmuşyna-da, hatda Luiza öýlenmäge hem taýyn däl eken. Häzir bolsa ol on bäş ýyl ozalky şol geçmişde galan meýdançada ýeke-ýalňyz otyrdy. Kristian ýerinden turdy-da, çalaja ýylgyrmaga synanyşdy, ýylgyrmasa, gözýaşlaryny saklap bilmejekdigini bilýärdi. Daş-töweregine göz gezdirdi-de, içini gepletdi: «Hut şu ýerde... O'Konnoryň maňa beren pasyny hut şu ýerde gapypdym... şol durmuşymyň iň belent nokady bolupdy».

Kristian ýerinden turup, ellerini ýokary galdyrdy, şonda topuň aýalaryna gütläp degişini ýene bir gezek duýan ýaly boldy. Kristian çalasyn öwrülip, goragçydan sypmagy başardy-da, aýaklaryna bat berip, göni pellehananyň çyzygyna okduryldy. Tizligini has-da artdyryp, topy elinde ýeňillik bilen saklady-da, soňky goragçydan hem sypyp, pellehananyň zolagyna tarap bar güýji bilen ylgady. Pellehananyň çyzygyndan geçip, badyny gowşadanda, otuň üstünde bileje oturan we özüniň bolşuna geň galyp seredýän ýaş ýigit bilen gyza gözi düşdi. Kristian sakga durup, elini aşak goýberdi-de:

– Men... men birwagtlar şu ýerde oýnapdym – diýip, tolgunmadan ýaňa zordan dem aldy.

Ýaşlar oňa hiç zat diýmän, biri-biriniň ýüzüne seredişdiler. Oňaýsyz ýagdaýa düşen Kristian ýylgyrdy, soňra olara çiňňerilip seretdi-de, eginlerini gysyp, hyrra yzyna öwrülip, myhmanhana tarap ýöneldi. Ýüzünden syrygýan burçak-burçak der bolsa, köýneginiň ýakasyndan içine akýardy.

*Terjime eden*
**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW,**
*«Zaman-Türkmenistan».*

• *1 ýard, takmynan, 0,91 metre deň.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Täze altyn şaýylyk.** ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygy mynasybetli ýurduň zikgehanasy tarapyndan ABŞ-nyň Prezidenti



Donald Trampyň şekili bolan 1 dollar nominalyndaky täze altyn şaýylyk çykarylar. Bu barada ýurduň maliýe ministri Skott Bessent «X» sosial ulgamynda habar berdi. Onuň sözlerine görä, bu pul birligi amerikan gymmatlyklarynyň güýjüni hem-de erkinligi gorap saklamaga ygrarly döwletiň ynamyny aňladýar.

**ÝUNESKO-nyň sanawyna hödürlendi.** Seulda geçirilýän ÝUNESKO-nyň mejlisinde



Gresiýanyň Olimp dagyny Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek baradaky haýyşnamasyna seredilýär. Iň beýik nokady 2 müň 918 metre ýetýän bu dag özüniň mifologik ähmiýeti we Dion arheologik toplumy bilen tapawutlanýar. Taslamanyň kabul edilmegi sebitiň halkara abraýyny artdyryp, tebigy gurşawy goramaga we syýahatçylygy ösdürmäge mümkinçilik berer.

**Ägirt uly Gün bekedi açyldy.** Hytaýda kuwwaty 1 GWt bolan dünýäniň iň uly «Hami» gibrid Gün bekedi ulanmaga berildi. 480 million



dollarlyk desganyň öndürjek 2,07 TW/s energiýasy 830 müň hojalygy üpjün eder. Beketde gijesine hem tok öndürmäge mümkinçilik berýän erän duz tehnologiýasy ulanylýar. Geljekde bu bekediň umumy kuwwatyny 3 gigawata ýetirmek meýilleşdirilýär.

**Çagalara çäklendirme girizildi.** Koreýa Respublikasynda 14 ýaşdan kiçi çagalara jemgyýetçilik ulgamlarynda hasap açmak ga-



dagan ediler we 14-19 ýaşly ýetginjekler üçin maslahat beriji algoritmleriň täsiri çäklendiriler. Bu barada degişli komissiýanyň başlygy Kim Çon Çhol mälim etdi. Häzirki wagtda ýurduň parlamentine kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jemgyýetçilik ulgamlaryndan peýdalanmagyny düzgünleşdirýän ýedi sany kanun taslamasy hödürlendi.

**Hindistanda ilkinji wodorodly otly.** Hindistanyň Harýana ştatynda «NaMo Green Ra-



il» atly ilkinji wodorod ýangyçly ýolagçy otlusy resmi taýdan gatnawa başlady. Sagatda 75 kilometr tizlik bilen 2 müň 600 ýolagçyny gatnatmaga ukyply bolan 8 wagonly bu düzüm diňe suw buguny bölüp çykarýar. «Milli wodorod missiýasynyň» bu taslamasy ýurdy ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalara geçirmegi maksat edinýär.

**Maýmynyň täze görnüşi tapyldy.** Kongo Demokratik Respublikasynyň tropik tokaý-



larynda maýmynyň ozal ylma belli bolmadyk täze görnüşi ýüze çykaryldy. «Colobus congoensis» diýlip at berlen jandar soňky 75 ýylda Afrika yklymynda tapylan bäşinji maýmyn görnüşidir. Ilkinji gezek 2008-nji ýylda Lomami milli seýilgähinde göze ilen bu täsin jandaryň täze görnüşdigi alymlaryň köp ýyllyk barlaglaryndan soň doly tassyklandy.

**Seul – talyplar üçin iň gowy şäher.** Koreýa Respublikasynyň paýtagty Seul «QS Best Student Cities» reýtinginde 2018-nji ýyldan bäri liderligi saklan Londony yzda galdyryp, talyplar üçin dünýäniň iň gowy şäheri boldy. Sanawda Tokio ikinji, London üçünji orny eýeledi. Bu reýting şäherdäki ýokary okuw mekdepleriniň sany, howpsuzlygy, talyplaryň kanagatlanma derejesi we ýaşaýyş çykdajylary ýaly görkezijiler esasynda düzüldi.




## TARYHDA ŞU GÜN

**Peruda inkleriň imperiýasynyň «ýiten şäheri» hasaplanýan gadymy Maçu-Pikçu 1911-nji ýylyň 24-nji iýulynda amerikaly arheolog Haýram Bingem tarapyndan ylma mälim edildi. Bu waka XX asyryň iň iri arheologik açyşlarynyň biri hökmünde taryha girdi. Deňiz derejesinden 2430 metr belentlikde ýerleşýän bu gadymy şäheriň 1450-nji ýyllarda gurlup, ink hökümdarynyň rezidensiýasy hem-de dini merkezi bolup hyzmat edendigi bellenilýär.**



# 13 milliard dollarlyk ylalaşyklar

Şanhaý şäherinde geçirilen Emeli aň boýunça bütindünýä maslahatynyň çäklerinde Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda resmi duşuşyk geçirildi. Ýokary derejedäki gepleşikleriň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň täze taryhy derejä çykandygyny nygtap, umumy bahasy 13 milliard dollardan (11,4 milliard ýewro) geçýän 70-den gowrak täze söwda-ykdysady ylalaşyga gol çekdiler. Hytaýyň döwlet Baştutany bilelikdäki tagallalaryň netijesinde ýurtlaryň arasyndaky hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze tapgyra gadam basandygyny we uly ösüş mümkinçiliklerine eýedigini belläp geçdi.

Gazanylan ylalaşyklaryň hatarynda Hytaýyň CATL kompaniýasy bilen bilelikde Merkezi Aziýada elektroulaglar üçin akkumulýator öndürýän ilkinji zawodyň gurluşygy, Hazar deňziniň Kuryk portunda ýyllyk kuwwaty 15 million tonna barabar bolan köpugurly terminalyň döredilmegi hem-de Almaty welaýatynda gidroakkumulýatorly elektrik stansiýasynyň taslamasyny durmuşa geçirmek baradaky ylalaşyklar aýratyn orun eýeleýär. Şeýle hem taraplar «Sinopec», «Fufeng Group» we «Lihua Group» ýaly iri hytaý kompaniýalary bilen nebit-himiýa, oba hojalygy we dokma senagaty ugurlarynda önümçilik desgalaryny gurmagy meýilleşdirýärler. Gazagystanyň geografik bähbitlerini we ulag-logistika mümkinçiliklerini pugtalandyrmak maksady bilen, taraplar «Bahty-Aýagöz» demir ýol ugruny gurmagy we Hazarda çuňlaşdyryş işlerini bilelikde alyp barmagy ylalaşdylar. Tokaýew öz çykyşynda häzirki wagtda sanly tehnologiýalaryň we emeli aňyň durnukly ösü-



şiň esasy şerti bolup durýandygyny belläp, «Alatau City» we «Smart Cargo» sanly ulgamlarynyň ähmiýetini nygtady. Şeýle-de häzirki wagtda iki ýurduň arasyndaky ýyllyk söwda dolanyşygynyň 49 milliard dollara ýetendigi, Hytaýyň Gazagystana goýan göni maýa goýumlarynyň möçberiniň bolsa 30 milliard dollardan geçendigi mälim edildi. Gazagystanda hytaý maýasynyň gatnaşmagynda 8500-den gowrak kompaniýa işleýär. Taraplar özara hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek maksady bilen 2027-2030-njy ýyllar üçin niýetlenen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň «ýol kartasyny» tassykladylar.

# Täze gurama döredildi

17-20-nji iýulda Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý şäherinde geçirilen Emeli aň boýunça bütindünýä maslahatynyň we emeli aňy global derejede dolandyrmak boýunça ýokary derejeli duşuşygyň çäklerinde emeli aň çözgütleri babatda hyzmatdaşlyk boýunça Bütindünýä guramasyny (WAICO) döretmek barada ylalaşyga gol çekildi. Täze halkara düzümiň döredilmegi baradaky başlangyç Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin tarapyndan teklip edilip, guramanyň esaslandyryjy resminamasyna dünýäniň 29 döwletiniň wekilleri gol çekdiler.

Guramanyň döredilmegi baradaky dabaraly çäre döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň hem-de beýleki halkara guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirildi. Bu halkara maslahata ýurdumyza wekilçilik edip, Türkmenistanyň aragatnaşyk ministri H.Hudaýgulyýew hem gatnaşdy. H.Hudaýgulyýew maslahatda eden çykyşynda emeli aňyň saglygy goraýyş, bilim, ulag ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmakda, suw serişdelerini netijeli dolandyrmakda we daşky gurşawy goramakda uly mümkinçilikleri açýandygyny belledi.

Maslahatda gol çekilen resminama laýyklykda, ştab-kwartirasy Şanhaý şäherinde ýerleşjek WAICO özbaşdak hökümetara halkara gurama hökmünde hereket eder. Guramanyň esaslandyryjy agzalarynyň hatarynda Hytaý, Russiýa, Braziliýa, Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Belarus, Indoneziýa, Malaýziýa, Katar,




Oman, Keniýa, Kongo Demokratik Respublikasy, Kuba, Efiopiýa we Günorta Afrika Respublikasy ýaly döwletler bar.

Öz işinde BMG-niň Tertipnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine esaslanjak täze gurama emeli aň ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy we global dolandyryşy ösdürmäge ýardam bermegi maksat edinýär. Şeýle hem täze tehnologiýalaryň bütin adamzadyň bähbidine, ygtybarly, howpsuz we adalatly ösdürilmegini üpjün etmek, şunda ynsan bähbitlerini goramak guramanyň esasy ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlendi.

# Täze Premýer-ministr bellendi

20-nji iýulda Beýik Britaniýanyň Patyşasy Karl III Leýboristler partiýasynyň täze lideri Endi Bernemi Bukingem köşgünde kabul edip, oňa ýurduň täze hökümetini düzmegi tabşyrdy. Şunlukda, Bernem Beýik Britaniýanyň 59-njy Premýer-ministri wezipesine resmi taýdan girişdi. Ol soňky on ýylda ýurduň hökümetine ýolbaşçylyk etjek ýedinji Premýer-ministr boldy.

Mundan öň Beýik Britaniýanyň hökümetine ýolbaşçylyk eden Kir Starmer Britaniýanyň Patyşasyna öz wezipesinden çekilýändigi baradaky haýyşnamasyny gowşurdy we ol kanagatlandyryldy. Starmer resmi çäreleriň çäklerinde çykyş edip, soňky iki ýylyň içinde ýurtda durmuşa geçirilen işler hem-de gazanylan netijeler barada durup geçdi we täze hökümete üstünlikleri arzuw etdi.

Täze bellenen Premýer-ministr Endi Bernem Dauning-stritdäki kabulhanasynyň öňünde çykyş edip, hökümetiň öňünde durýan ilkinji nobatdaky wezipeler barada durup geçdi. Ol çykyşynda ýurtda ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, ykdysady ösüşi durnukly saklamaga hem-de döwlet dolandyryşynda sebitleriň mümkinçiliklerini giňeltmäge aýratyn üns beriljekdigini belledi. Şeýle hem täze hökümet tarapyndan ilatyň durmuş meselelerini ýeňilletmäge hem-de sebitleri ösdürmäge degişli maliýe serişdeleriniň gönükdiriljekdigini nygtady.

56 ýaşly Bernem mundan öň Beýik Britaniýanyň hökümetinde saglygy goraýyş ministri, medeniýet ministri hem-de maliýe ministriniň



birinji orunbasary ýaly ýokary döwlet wezipelerinde zähmet çekdi, şeýle hem Uly Mançester şäheriniň häkimi boldy. Ol iýun aýynda Meýkerfild okrugyndan parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, parlamentiň deputaty boldy we Leýboristler partiýasynyň biragyzdan goldamagynda partiýanyň täze lideri diýlip yglan edildi. Ýakynda Beýik Britaniýanyň Ministrler Kabinetiniň täze düzüminiň yglan edilmegine garaşylýar.

# Tagt hakyndaky kanun üýtgedildi

Ýaponiýanyň parlamenti imperatorlyk maşgalasyna uzak garyndaşlaryndan bolan 15 ýaşdan uly erkekleri ogullyga almaga rugsat berdi. Ogullyga alnanlaryň geljekki ogullaryna hem tagt mirasdary bolmaga hukuk berildi. Täze üýtgetmelere görä, şazada gyzlara imperatorlyk maşgalasyna degişli bolmadyk adamlar bilen durmuş gursalar hem, öz derejelerini saklap galmaga rugsat berilýär.

Şeýle-de, häzirki Imperator Naruhitonyň gyzy – 24 ýaşly şazada Aýkonyň halk arasynda örän meşhurdygyna garamazdan, Imperator maşgalasynda tagt mirasdarlarynyň sanynyň azalmagy alada döredýär. Muňa garamazdan, täze kanunda aýal-gyzlaryň Imperator bolmagyna girizilen gadagançylyk güýjünde galdyryldy. Häzirki düzgünlere görä, Naruhitodan soň tagt onuň 60 ýaşly inisi şazada Fumihito, soňra bolsa 19 ýaşly ýegeni şazada Hisahito geçer. Milli parlamentiň kabul eden bu çözgüdi ýurduň jemgyýetçiliginiň pikirini doly şöhlelendirmeýär diýlip hasaplanýar. Sebäbi geçirilen pikir soralyşyklara gatnaşan raýatlaryň 70 göterimden gowragy aýal-gyzlaryň Imperator bolmagyny goldaýar. Şeýle-de bolsa, ýurduň Premýer-ministri Sanae Takaiti hem-de dolandyryjy Liberal-demokratik partiýanyň konserwatiw syýasatçylary tagtyň diňe erkek kişiler ta-



rapyndan miras alynmagyny goldamagy dowam etdirýärler. Tagtyň diňe erkek kişilere geçmegi baradaky düzgün 1889-njy ýylyň imperatorlyk kanunyndan bäri dowam edýär hem-de bu täze girizilen üýtgetmeler 1949-njy ýyldan bäri kanunyň esasy tekstine girizilen ilkinji düzediş boldy.

# Elektrik energiýasynyň sarp edilişi artýar



**Häzirki wagtda Irlandiýada maglumat merkezleriniň sarp edýän elektrik energiýasy ýurduň tutuş ýaşaýyş jaý ulgamynyň sarp edýän elektrik energiýasynyň möçberine deňleşdi diýen ýaly. Emeli aň tehnologiýalarynyň ösmegi bilen, bu merkezler ýurduň umumy elektrik energiýasynyň eýýäm 23 göterimini sarp edýär.**

**Geçen ýylyň netijeleri boýunça Irlandiýanyň maglumat merkezleriniň elektrik sarp edişi 10% ýokarlanyp, 7663 gigawat/sagada deň boldy. Şol bir wagtda ýurt boýunça umumy elektrik sarp edilişiniň ösüşi bary-ýogy 2% töweregi boldy.**

**Soňky on ýylda maglumat merkezleriniň elektrik energiýasyny sarp edişi 3,6 esse (360%) ýokarlandy. 2015-nji ýylda bu görkeziji jemi milli sarp edilişiň 5 göterimine deň bolan bolsa, häzirki wagtda 23 göterime çenli ýokarlandy. 5 million töweregi ilaty bolan Irlandiýada häzirki wagtda 89 sany maglumat merkezi hereket edip, olaryň agramly bölegi Dublin şäheriniň golaýynda ýerleşýär we dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýa kompaniýalaryna degişlidir.**

**Şunuň bilen baglylykda, ýurduň häkimiýetleri heniz 2021-nji ýylda täze maglumat merkezlerini elektrik toruna birikdirmegiň talaplaryny güýçlendirdiler. Täze düzgünler boýunça bu binalar ýa özüni doly elektrik energiýasy bilen üpjün etmeli, ýa-da alty ýylyň dowamynda dikeldilýän energiýadan peýdalanmagyň paýyny 80 göterime çenli ýokarlandyrmaly. Şeýle-de bolsa, hünärmenleriň çaklamalaryna görä, eýýäm şu ýylyň netijeleri boýunça maglumat merkezleri Irlandiýanyň umumy elektrik energiýasynyň, takmynan, üçden bir bölegini sarp ederler.**

# Dünýäniň iň beýik ýel turbinasy

Germaniýanyň Brandenburg federal çägindäki Şipkau şäherçesinde belentligi 360 metre ýetýän dünýäniň iň uly ýel generatorynyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barlyp, onuň ýakyn günlerde ilkinji elektrik energiýasyny öndürmegine garaşylýar. GICON inženerçilik kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylýan we Berlin telewideniýe diňiniň belentligine golaýlaşýan bu ägirt uly desga Ýewropanyň alternatiw energetika pudagynda täze tehnologik öwrülişik bolar hem-de sebitiň energiýa garaşsyzlygyny berkitmäge saldamly goşant goşar. Taslama laýyklykda, ýylda 30-33 gigawatt/sagat elektrik energiýasyny öndürmäge ukyply bolan bu desga, takmynan, 7,5 müň hojalygy elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün eder. Desga 300



metr belentlikdäki durnukly ýel güýji arkaly adaty ýel generatorlaryna garanyňda, 220% köp öndürijilik görkezer.

Innowasion taslamany amala aşyrmak üçin ilkinji gezek patentleşdirilen teleskopik gurnama usuly ulanylyp, desga ilki 150 metr belentlikde gurnalýar, soňra bolsa ýörite mehanizm arkaly 300 metre çykarylýar. Öňler kömür känleri bilen meşhur bolan bu sebit häzirki wagtda «ýaşyl» energetika geçişiň nusgawy mysalyna öwrülýär. Geljekde bu ýerde ýel hem-de Gün energiýasyny utgaşdyrýan gibrid elektrik stansiýasynyň gurulmagy, şeýle-de Ýewropanyň ýel az öwüsýän beýleki künjeklerinde durnukly energiýa önümçiligini ýola goýmak meýilleşdirilýär. Bu taslama Germaniýanyň Federal Hökümetiniň 2026-njy ýylyň martynda kabul eden we 2030-njy ýyla çenli uglerod zyňyndylaryny has-da azaltmagy, täze ýel desgalarynyň sanyny köpeltmegi maksat edinýän ekologiýa maksatnamasynyň strategik ugurlary bilen doly gabat gelýär.



# ÝB-e agza bolmagy meýilleşdirýär

Moldowa 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşigine doly agza bolmagy maksat edinýär we şu tomsuň ahyryna çenli Brýussel bilen gepleşikleriň ähli ugurlaryny açmak üçin tagalla eder. Bu barada «Moldova 1» teleýaýlymyna beren interwýusynda Moldowanyň parlamentiniň başlygy, dolandyryjy «Hereket we raýdaşlyk» partiýasynyň lideri Igor Grosu habar berdi. Onuň sözlerine görä, Kişinýew 2028-nji ýyla çenli ÝB bilen gepleşikleri tamamlamagy we 2030-njy ýylda guramanyň düzümine girmegi göz öňünde tutýar.

Gepleşikleriň degişli ugurlary boýunça tehniki taýýarlyklara başlan Moldowa ýene-de dört sany gepleşikler toplumyny açmagy maksat edinýär. Ýurt resmi syýasy çözgüde garaşmazdan, degişli kanunlary kabul etmegi we bellenilen şertleri ýerine ýetirmegi dowam etdirýär. Ýeri gelende bellesek, 2025-nji ýyldaky parlament saýlawlarynda Prezident Maýýa Sandu we onuň ýolbaşçylygyndaky partiýa ýurduň 2028-nji ýyla çenli ÝB-e goşuljakdygyny wada beripdiler, emma partiýanyň soňky maksatnamasynda bu möhletler yza süýşürilipdi.

# Saýlawlara 11 partiýa gatnaşar

Russiýa Federasiýasynyň döwlet Dumasyna şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek saýlawlaryň federal saýlaw býulleteninde azyndan 11 sany syýasy partiýa görkeziler. Bu barada Russiýanyň Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Ella Pamfilowa habar berdi.

Düzgüne laýyklykda, syýasy partiýalar dalaşgärleri hödürlemek boýunça gurultaýlaryny 11-nji iýula çenli geçirmelidi. Emma olar bu barada azyndan iki gün öň, ýagny 9-njy iýula çenli Merkezi saýlaw toparyna habar bermäge borçly edildi. Bellenilen möhletde başga hiç bir syýasy guramadan




arza gowuşmandygy sebäpli, sentýabrdaky saýlawlara diňe agzalan 11 partiýa gatnaşar we saýlaw býulleteninde olaryň sany 11-den köp bolmaz.

Saýlawlara gatnaşjak syýasy güýçleriň hatarynda häzirki wagtda parlamentde wekilçilik edýän bäş sany partiýa («Ýedinaýa Rossiýa», KPRF, LDPR, «Nowyýe lýudi» we «Sprawedliwaýa Rossiýa»), şeýle-de parlamente girmedik alty sany partiýa («Zelýonyýe», «Rodina», «Ýabloko», Pensionerler partiýasy, Göni demokratiýa partiýasy we Russiýanyň Kommunistleri) bar. Bu syýasy guramalaryň ählisi saýlawçylaryň goluny ýygnamazdan, öz dalaşgärlerini hasaba aldyrmaga doly hukuklydyrlar.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ SÜÝJI SUW GORLARY

**Ýer ýüzündäki suwuň 3 göterim töweregini süýji suw emele getirýär. Süýji suwuň esasy bölegi buzluklarda saklanýar. Galan bölegi bolsa, derýalarda, köllerde we ýerasty suw gatlaklarynda jemlenýär. Dünýä ýurtlarynyň käbiri guraklyk zerarly içimlik suwuň ýetmezçiliginden ejir çekýän bolsa, käbir ýurt bol süýji suw gorunyň eýesidir. Geliň, dünýäniň iň uly süýji suw gorlary bilen tanyş bolalyň!**



**Amazonka derýasy, Braziliýa (8 müň 650 kub kilometr).** Esasy 3 ýurtdan akyp geçýän Amazonka derýasy 9 ýurdy içimlik suwy bilen üpjün edýär. Dünýäniň iň uly tropik tokaýy bolan Amazoniýanyň içinden akyp geçýän egrem-bugram derýanyň esasy suw gory Braziliýanyň çäginde saklanýar. Braziliýa dünýäde süýji suw gory boýunça birinji orny eýeleýär. Amazon basseýniniň köp bölegini öz içine alýan bu ýurtda ýagşyň köp ýagmagy suw üpjünçiligini kadaly derejede saklamaga ýardam edýär.

**Baýkal köli, Russiýa (4 müň 530 kub kilometr).** Sibirdäki Baýkal köli dünýäniň doňmadyk süýji suwunyň, takmynan, bäşden bir bölegini emele getirýär. Dünýäniň iň çuň köli bolan Baýkalda Ýer şarynyň doňmadyk süýji suw gorunyň 20 göterimi saklanýar. Russiýada süýji suw kölünden başga-da, Lena, Ob, Ýeniseý we Amur ýaly ägirt uly derýa ulgamlary bar. Ýurduň süýji suw gorlarynyň ilat we senagat merkezlerinden uzakda ýerleşmegi içimlik suwuň hapalanmagynyň öňüni almaga ýardam edýär.

**Missisipi derýasy, ABŞ (3 müň 70 kub kilometr).** Wiskonsin ştatynyň La-Kross şäheriniň golaýyndaky Missisipi derýasy Demirgazyk Amerikanyň esasy suw çeşmesi hasaplanýar. Birnäçe süýji suw köllerini, Missisipi derýasyny, Alýaskanyň derýalaryny we buzluklaryny, dag gerişleriniň garlaryny, suw howdanlaryny öz içine alýan bu yklymda ýerüsti süýji suwuň, takmynan, 21 göterimi saklanýar.

**Köller we buzluklar, Kanada (2 müň 900 kub kilometr).** Sansyz kölleri bilen meşhur bolan Kanadada dünýädäki süýji suw gorlarynyň, takmynan, 20 göterimi saklanýar. Ýurduň esasy suw çeşmesi Atlantik, Ýuwaş ummany, Arktika we Gudzon aýlagy tarapda, ýagny demirgazykda ýerleşýär. Ilatyň köp ýaşaýan bölegi bolan günorta geçelgede bolsa, içerki köller esasy orny eýeleýär. Şol sebäpli kanadalylar köplenç guraklyk möwsümi bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar.

**Ýanszy derýasy, Hytaý (2 müň 840 kub kilometr).** Hytaýyň umumy suw möçberi uly ýaly görünse-de, ilatyň köplügi we ösen senagat hem-de oba hojalyk pudagy içimlik suwuna ep-esli täsirini ýetirýär. Ýurduň esasy suw çeşmesi Ýanszy derýasy bolup, ekerançylyk ýerlerini suw bilen üpjün edýär. Hytaýda suw howdanlaryna, ýerasty suw çeşmelerine we ätiýaçlyk suwuna ýokary derejede gözegçilik edilýär. Ýörite taslamalar işlenip düzülip, umumymilli suw möçberiniň howpsuzlygy üpjün edilýär.

**Orinoko derýasy, Kolumbiýa (2 müň 360 kub kilometr).** Dünýäniň iň uly üçünji derýasy bolan Orinoko Kolumbiýanyň esasy suw çeşmesi hasaplanýar. Karib deňzinden, Ýuwaş ummanyndan we Amazonka sebitlerinden gelýän çygly howa And daglarynda jemlenip, ýurtda güýçli ýagşyň ýagmagyna we täze suw akabalarynyň döremegine mümkinçilik berýär.

**Progo derýasy, Indoneziýa (2 müň 20 kub kilometr).** Indoneziýanyň müňlerçe adasynda süýji suw gory tropik ýagyşlaryň netijesinde emele gelýär. Progo derýasy ada ýurdunyň esasy süýji suw çeşmesi bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, arhipelagdaky köller, musson ýagyşlary möwsüminde emele gelýän akabalar, ýerasty suwlar ýurduň süýji suw goruny emele getirýär.

Bulardan başga-da, dünýäde süýji suw gory boýunça öňdeligi eýeleýän sebitleriň hatarynda Hindistan (1 müň 910 kub kilometr), Peru (1 müň 880 kub kilometr), Kongo Demokratik Respublikasy (1 müň 290 kub kilometr) ýaly ýurtlary görkezmek bolar. Soňky ýyllarda ýurtlaryň aglaba bölegi gaýtadan dikeldilýän içimlik suwa has köp üns berýärler. Dünýäde süýji suw gorunyň esasy bölegi, ýagny 68-70 göterimi buzluklaryň ýurdy bolan Antarktidada saklanýar.

*Bellik: 1 kub kilometr – 1 milliard kub metre deň.*



# NIDERLANDLARYŇ WENESIÝASY: ERTEKILERDÄKI ÝALY GITHORN OBASY

Niderlandlaryň Owereýsel welaýatynda ýerleşýän Githorn obasy taryhy jaýlary we gaýykly gezelençleri bilen täsin syýahatçylyk gurşawyny hödürleýär. Wenesiýa şäherine meňzeýändigi üçin «Niderlandlaryň Wenesiýasy» diýlip atlandyrylýan bu oba Orta asyrlara degişli jaýlary we kanallary bilen ertekilerdäki obalara meňzeýär.







2 müň 600 töweregi ilaty bolan suw içindäki obada asfalt düşelen ýol ýa-da beýleki ulag serişdeleri hereket etmeýär. Obany diňe gaýykly, pyýada ýa-da welosipedli gezelenç edip bolýar. Tomus aýlarynda has köp adamly bolýan Niderlandlaryň Wenesiýasyna Uzak we Ýakyn Gündogardan örän köp syýahatçy barýar. Her ýyl, takmynan, 1,2 million syýahatçyny garşy alýan bu obada 176 sany agaç köpri bar.

Obadaky jaýlaryň köpüsi kiçijik adalarda ýerleşýär. Üsti gamyş bilen basyrylan taryhy öýleriň köpüsinde iki gapy bar. Öý eýesi we maşgala agzalary gapdal gapydan girip-çykýar. Öň tarapdaky gapy bolsa toý dabaralarynda we myhman gelende açylýar. Daş-töweregi suw bilen gurşalan obanyň ýaşaýjylary goňşularynyňka diňe agaç köprüden geçip baryp bilýärler. Maglumatlara görä, obadaky suw ýolunyň uzynlygy 9 kilometre ýetýär. Githorn obasynyň iň esasy aýratynlygy bolsa, awtoulag serişdesiniň düýbünden ýokdugydyr. Obada soňky ýyllarda gaty ses çykarýan motorly gaýyklar gadagan edildi. Ýerli ýaşaýjylar we syýahatçylar elektrik hereketlendirijili, «ümsüm gaýyklar» (silent boats) diýlip atlandyrylýan sessiz gaýyklary ulanýarlar. Oba ilkinji gezek XIII asyrda (1230-njy ýyllarda) ýaşaýjylar göçüp gelýärler. Şol döwürler güýçli ýagyşdan soň, bu ýerden köp mukdarda geçi şahlary tapylypdyr. Şeýlelikde, ýaşaýjylar bu obany «Geçi şahy» (Gietehorne) diýip atlandyryp ugrapdyrlar.

Githorn obasy täsin arhitekturasy bilen tapawutlanýar. Bu ýerdäki jaýlaryň köpüsiniň diwary gyzyl kerpiçden, üçegi bolsa gamyşdan örülýär. Gadymy döwürlerde obada gamyş iň arzan material bolandygy sebäpli, jaýlaryň üçegini gamyş bilen basyrmak däbe öwrülipdir. Öýleriň töwereginde dürli reňkli gülleri we owadan agaçlary görmek bolýar. Githorn obasy 1958-nji ýylda niderland režissýory Bert Hanstranyň surata düşüren «Fanfare» atly komediýa filminden soň, tutuş dünýä meşhur bolýar.

Belli niderland işewüri Lizanne Hubbers öz beýanatynda Githorny «Niderlandlaryň iň owadan obasy» diýip häsiýetlendirýär. Ol Githorn obasynyň kiçiligini we hakyky häsiýetini saklap galandygy barada şeýle belleýär: «Bu ýer örän owadan. Bizde bol suw, owadan tebigat we ferma jaýlary bar. Şeýle hem birnäçe suw ýollary bar. Bu ýeriň ýaşaýjylary öýlerine diňe gaýykly baryp bilýärler. Bu oba ir döwürler torf işläp çykarmagyň netijesinde emele gelipdir. Birmahallar gamyş ýygnalan bu ýerde häzirem jaýlaryň üçeginde gamyş we saman üýşmegini görmek bolýar».

Githornda «gaýykly ýollardan» başga, demirgazykdan günorta tarapa uzaýan welosiped ýoly hem bar. Tomsuna bu ýerde gaýykly gezelenç edilýän bolsa, gyşyna kanallaryň doňmagy bilen, ýerli ýaşaýjylar we myhmanlar buzuň üstünde konkili typyp, obada gezelenç edip bilýärler.



# Siz haýsyny halaýarsyňyz?!



**Doňdurma tomus paslynda söýlüp iýilýän iýmitleriň biri bolup, howanyň yssy günleri adama lezzet berýär. Sowuk we süýji iýmitiň taryhy has irki ýyllardan gözbaş alýar. Taryhy ýazgylara görä, XVII asyrda süýt (gaýmak) bilen şeker külkesi garylyp, häzirkilere meňzeş doňdurma ýasalypdyr. Häzirki wagtda uludan kiçi hemmäniň söýgüli iýmitine öwrülen doňdurmanyň 100-den gowrak görnüşi bar.**

**«Frozen yogurt», ABŞ.** Amerikalylaryň iň söýgüli doňdurmasy bolan bu önümiň düzüminiň esasyny süýt bilen ýogurt emele getirýär. Ýogurtly doňdurmanyň ýaglylygy az bolany üçin ýeňil hasaplanýar. ABŞ-nyň çäginde giňden ýaýran «Frozen yogurt»-yň üstüne ýa-da içine kiwi, ýertudana, malina, banan ýaly miweler, owradylan köke ýa-da maňyz goşulyp hödür edilýär.



**«Gelato», Italiýa.** Gastronomiýanyň öňdebaryjy ýurtlaryndan bolan Italiýanyň pizza, spagetti ýaly dünýä belli tagamlarynyň biri-de «gelato» doňdurmasydyr. «Doňaklyk» diýen manyny aňladýan «gelato» tutuş dünýäde uly isleg bilen alynýan doňdurma görnüşidir. Iň täze we ter önümlerden taýýarlanýan «gelato»-nyň düzümine ýumurtga hem goşulýar. Gaýmakly, wanilinli, şokoladly, badamly, fundukly hem-de pisseli görnüşleri bolan doňdurma alma, ýertudana, malina, limon, ananas ýaly miweler hem goşulýar. Dykyzlygy bilen tapawutlanýan «Gelato» doňdurma önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri bolan Italiýadan beýleki ýurtlara yzygiderli eksport edilýär.



**«Maraş doňdurmasy», Türkiýe.** Türkiýäniň dünýä belli tagamy bolan maraş doňdurmasy geçi süýdünden, orhideýanyň köküniň külkesinden hem-de şekerden taýýarlanylýar. Ilkinji gezek XV asyrda maraşly Osman aga tarapyndan taýýarlanyp, Türkiýäniň diňe Kahramanmaraş welaýatynda öndürilen we dünýäniň ençeme ýurduna eksport edilýän bu doňdurmanyň ýene bir üýtgeşik tarapy, düzüminde bar bolan witaminleri bilýänleriň juda az bolmagydyr. Süýnýän bu doňdurma A, B, C, D, E witaminlerine baý iýmitdir.



**«Paletas», Meksika.** Buzly doňdurma görnüşi bolan «paletas» meksikalylaryň söýgüli tagamlarynyň biridir. Içi miweli bu doňdurma «doňdurylan miwe» hem diýilýär. Limon, kiwi, ýertudana hem-de miwe şiresi garylan, köpçülik tarapyndan gowy görülýän «paletas» özboluşly gapjagazyň içinde doňdurylyp taýýarlanýar. «Paletas»-yň hyrydary Latyn Amerikasynda, ABŞ-da hem-de Kanadada juda köp bolup, köçede satylýan bu doňdurma öz gözbaşyny 1870-nji ýyllardan alyp gaýdýar.



**«Spaghettieis», Germaniýa.** Görnüşi italýanlaryň spagetti tagamyna meňzeş bu doňdurmany 1960-njy ýyllarda Germaniýanyň Manhaým şäheriniň ýaşaýjysy Dario Fontanella oýlap tapýar. Düzümi wanilin, ýagly gaýmak (krema), ýertudananyň şiresi hem-de ak şokoladyň gyryndysyndan ybarat bolan bu doňdurma spagetti ýaly görünmegi üçin gyrgyçdan geçirilýär.



**«Sorbetes», Filippinler.** Ýurduň milli tagamlarynyň biri bolan «sorbetes» doňdurmasy kokosyň süýdünden taýýarlanýar. Gäwmişiň süýdünden hem taýýarlanýan bu doňdurmanyň düzümine mangonyň, awokadonyň, ýertudananyň, gawunyň hem-de ýerli käbir miweleriň suwy goşulýar. 1979-njy ýylda «Mamang Sobetero» atly filmi hem surata düşürilen bu doňdurma aglaba köçede satylýar.



Tebigy täsinlik



# MADAGASKARYŇ TÄSIN AGAÇLARY

Dünýäde agajyň 73 müň 300-den gowrak görnüşi ösýär. Agajyň täsin görnüşleriniň aglaba bölegi bolsa, Afrika, Awstraliýa we Okeaniýa sebitlerinde duş gelýär. Şeýle agaçlaryň biri hem adansoniýa urugyna degişli baobab hasaplanýar. «Çölüň beýik agajy» diýlip atlandyrylýan baobabyň jemi dokuz görnüşi (Afrika baobaby, Awstraliýa baobaby, Afrikanyň daglyk baobaby, Ägirt uly baobab, Perrier baobaby, Za baobaby, Madagaskar baobaby, Fony baobaby, Suares baobaby) bolup, şolaryň altysy Madagaskar adasynda bitýär. Boýy 30 metre çenli ýetýän bu agaçlar müň ýyla çenli ýaşap bilýärler. Madagaskaryň Morondawa şäherindäki Baobablar seýilgähi «çişik agaçlaryň» ösüp oturan iň uly meýdany hasaplanýar. Mundan başga-da, ýurduň Kirindi-Mitea tokaý milli seýilgähinde, Ankarafantzika milli seýilgähinde, Ifatidäki tikenli tokaýynda baobab agaçlarynyň esasy bölegi ösýär. Göwresinde 40 müň litre çenli suw saklaýan onlarça asyrlyk agaçlary ýakyndan synlanyňda, başga älemden getirildimikä öýdýärsiň.



Her ýyl 200-500 müň jahankeşde baobab agajyny ýakyndan synlamak we «çişik agaçlaryň» tokaýlygynda gezelenç etmek üçin Madagaskara barýar. Rowaýatlara görä, arap deňizçileri müň ýyldan gowrak wagt mundan ozal ada gelenlerinde, baobab agaçlaryny görüp, tersine ekilendir öýdüp pikir edipdirler. Sebäbi agajyň göwresi baldaksyz, ýagny syrdam bolup, çürbaşynda 3-4 sany ownuk şahasy bar. Bu şahalar bolsa, uzakdan edil agajyň köküne meňzeýär.

Ýokarsyna dyrmaşmak kyn bolan baobab Madagaskaryň milli agajy hasaplanýar. Agajyň ýüpden sallanyp goýlan ýaly gawuna meňzeş miwesi ýerli halk tarapyndan ýygnalýar we azyk hökmünde iýilýär. Esasan hem, miwäniň içindäki ullakan ak çigitleri nahar taýýarlamakda peýdalanylýar.

Baobab agaçlary Günüň dogup ýa-da ýaşyp gelýän wagty gyzgylt reňkde şöhle saçýarlar. Bu tebigy owadanlyk syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsir döredýär. Gadymy agaçlar gurakçylygyň öňüni almak bilen bir hatarda Madagaskaryň käbir taýpasy üçin öý bolup hem hyzmat edýär. Ýerli halk «çişik agajyň» içini köwüp, tegelek öý ýasaýarlar. Baobab agaçlary dünýäniň «Gyzyl kitabynyň» sanawyna girizilen, ýitip gitmek howpy abanýan ösümlikleriň biridir.

# Gün şöhlesinden dogry peýdalanmagyň kadalary

**Gün şöhlesi D witamininiň tebigy çeşmesi hasaplanýar. D witamini süňklerden başlap, immuniteti berkitmäge çenli birnäçe möhüm amaly ýerine ýetirýär. Emma şeýle-de bolsa, howanyň aşa yssy günleri Gün şöhlesi bedene ters täsir edip, dürli nähoşluklara getirip bilýär. Eýsem, D witaminini nähili ýagdaýda kabul etmeli? D witamininiň ýetmezçiligi nähili ýagdaýlara sebäp bolýar?**




Hünärmenleriň bellemegine görä, bäbekleriň we uly ýaşly adamlaryň bedeni D witaminini has köp talap edýär. Ululara süňkleriň gowşamagy ýa-da döwülmegi, çagalarda süňk ösüşiniň bozulmagy, ýürek-damar ulgamyndaky ýetmezçilikler, demgysma, käbir ýokançlyklar D witamininiň ýetmezçiligi bilen baglanyşyklydyr.

«Kalsiferol» diýlip hem atlandyrylýan D witamini bedende kalsiniň we fosforyň siňdirilmegine, süňkleriň we dişleriň sagdyn ösmegine ýardam edýär. Ýagda ereýän bu witamin deride Gün şöhlesiniň üsti bilen sintez edilýär ýa-da iýmit arkaly bedene kabul edilýär. Bagyrda we ýag dokumalarynda saklanýan bu witaminiň 2 esasy görnüşi – D2 (ergokalsiferol) we D3 (holecalciferol) görnüşleri bar.

Gün şöhlesinden başga balykda, etde, bagyrda, ýumurtganyň sarysynda, peýnir, mesge, gatyk ýaly süýt önümlerinde, petruşka we kinza ýaly gök otlarda D witamini saklanýar. Howanyň yssy günlerinde irden sagat 9:00-dan 19:00-a çenli aralykda Günüň aşagynda gezmek maslahat berilmeýär. Gün şöhlesinden gelýän D witaminini dogry we zyýansyz kabul etmegiň wagty irden 9:00-a çenli we agşamlyk 19:00-dan soň hasap edilýär.

# Suwda sürülýän welosiped

Saglyk üçin peýdaly ulag serişdesi bolan welosiped, adatça ýolda sürmek üçin niýetlenen. Ýöne iki tigirli ulagyň suwda sürülýän görnüşi hem bar. Suwda welosiped sürmek mümkin däl ýaly görünýändigine garamazdan, täze zelandiýaly hünärmenler iki tigirli ulagyň täsin görnüşini işläp düzdüler. «Manta 5 Hydrofoil» diýlip atlandyrylýan suw ulagy uglerod süýümli materialdan ýasalypdyr. Elektrik batareýasy bilen işleýän suw ulagy sagatda 20-22 kilometr tizlik bilen gidip bilýär. Tolkuna garşy çydamly bu welosiped, esasan, sport bilen meşgullanýanlar hem-de syýahatçylar üçin niýetlenip, deňiz kenarlarynda we howuzlarda ulanylýar. «Manta 5 Hydrofoil» welosipedini sürmek kyn görünse-de, ilkinji gezek sürenler şowly netije görkezip, yzyna – kenara dolanyp gelýärler.

«Manta 5 Hydrofoil»-iň esasy aýratynlygy suwa çümmän saklanmagydyr. Hünärmenler welosipediň suwuň ýüzünde saklanmagyny gazanmak üçin öňki we yzky tigriniň ornuna lyža meňzeş taýgançak demirleri oturdypdyrlar. Keseligine goýlan ýukajyk metal bölekler welosipedi suwa çümdürmän, deňagramly derejede saklaýar. Suwda sürülýän welosipediň ruly, oturgyjy we çarhy adaty welosipediňki ýaly bolup, yzynda gämileriňki ýaly tegelek perrik, öňünde bolsa suwy böwsüp gidýän uzyn saply, aýaga meňzeş çarh oturdylypdyr. Esasy ramanyň ornunda bolsa, batareýa ornaşdyrylypdyr. Adaty welosiped ýaly sürülýän bu ulag çarhy aýlamagy togtadanyňda bir gapdala ýykylýar. Şol sebäpli welosipedçi suwa girenden tä çykýança, dynç almazdan welosipedi sürmeli bolýar. 100 kilograma çenli agramy götermäge niýetlenen suw welosipedini doly zarýady bilen 1,5-4 sagada çenli sürüp bolýar.






Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# IŇ ULY ÝAPYK AKWAPARK









Berliniň 50 kilometr günortasynda ýerleşýän «Tropical Islands» seýilgähi dünýädäki iň uly ýapyk akwapark hasaplanýar. Gümmez şekilli bina öň harby uçarlar üçin angar bolup hyzmat edipdir. 2003-nji ýylda Malaýziýanyň Tanjong korporasiýasy dynç alyş merkezini gurmak üçin bu ýeri satyn alýar. Şeýlelikde, 2004-nji ýylda ýapyk meýdançada ýerleşýän, tropik adaly emeli seýilgäh açylýar. Germaniýanyň Brandenburg sebitindäki öňki «Brand-Briesen» howa meýdançasynda (Halbe etraby) täzeden gurlan tropik howaly ýapyk seýilgäh her gün 8 müň 200 adamy kabul edýär. Ýalazy meýdanda ýerleşýän emeli seýilgähde 600 adam işleýär.

640 gektar meýdany eýeleýän seýilgähde çuňlugy 1-1,5 metre ýetýän, uzynlygy 140 metre barabar «Südsee» emeli deňzi bar. Emeli deňziň 200 metr uzynlykdaky kenary edil hakyky deňizdäki ýaly çäge bilen gurşalyp, ösüp oturan palma agaçlaryny görmek bolýar. «Tropical Islands» seýilgähinde emeli deňizden başga-da, «Bali lagunasy» diýlip atlandyrylýan we 1 müň 200 inedördül metr meýdany eýeleýän, çuňlugy 1 metre golaý gök suwly meýdança ýerleşýär. Merkezinde kiçiräk ada bolan meýdançanyň gyrasynda typylýan egrem-bugram turbalardan düzülen dürli görnüşli attraksion güýmenjeler bar.

«Tropical Islands» ýapyk akwaparkyň howasy hemişe 26 derejede, çyglylygy bolsa 64 göterim derejede saklanýar. Ýylyň islendik möwsüminde elýeterli bolan bu seýilgähde çagalar we uly adamlar özüni edil deňiz kenarynda ýaly duýup, medeniýetli dynç alyp bilýärler. Esasan hem, tomsuna örän köp adamly bolýan akwaparkda iki sany uly howuz (emeli deňiz, gök suwly meýdança), Bali adalaryny ýadyňa salýan tropik oba, tropik adalar, top oýnalýan açyk çäge meýdançalary, woleýbol meýdançasy, güneşlemek üçin deňiz kenary, Amazonka meňzeýän tokaýjyklar bar. Seýilgähde 600 dürli görnüşli 50 müňden gowrak ösümlik ösýär. 2007-nji ýylda seýilgähde çagalar üçin niýetlenen oýun meýdançalarynyň gerimi giňeldilip, 4 müň inedördül metre ýetirilýär. Şeýle hem 27 metr beýiklikde ýokary pürküläýän, ýuwunmak üçin niýetlenen suw çüwdürimi gurulýar. Ulular üçin bolsa 6 sany aýry minerallaşdyrylan gyzgyn suwly gowaga meňzeş tegelek howuzlar açylýar.

Ilkibaşda ýapyk gurşawda ýerleşýän uly meýdançada deňziň we dynç alyş kenarynyň janlandyrylmagy ýönekeý iş ýaly görünse-de, 2005-nji ýylda seýilgähde ösümlikleriň ösmegi üçin Gün şöhlesiniň zerurlygy ýüze çykýar. Ýapyk akwaparkda zähmet çekýän hünärmenler bu meseläni çözmek üçin 20 müň inedördül metr ululykda penjire açmaly diýen karara gelýärler. Ýöne penjirä aýna däl-de, berk ftorpolimerden ýasalan, ultramelewşe şöhlesine garşy we Gün şöhlesini 95 göterime çenli geçirýän plýonka oturdylýar. Bu bolsa Gün şöhlesiniň zyýanly täsirini azaltmaga we ösümlikleriň edil tebigatdaky ýaly ösmegine ýardam edýär. Germaniýanyň iň täsin ýerleriniň biri bolan «Tropical Islands» seýilgähine her ýyl 1,2 million myhman barýar.

# Çörege derek iýilýän miwe



Papua-Täze Gwineýada, Awstraliýada, Täze Zelandiýada we Karib deňzi sebitlerinde ösdürilip ýetişdirilýän çörek miwesi täsin miweleriň biri hasaplanýar. Bu miwäniň ata Watany Papua-Täze Gwineýa we Hindi-Malaý sebitleri hasaplanýar. Adada ýaşaýan halklar bu miwäni Ýuwaş ummanyň kenaryndaky ýurtlara ýaýradýarlar. Ullakan miwe 1500-nji ýyllarda Ýewropa hem getirilýär. XX asyrda Hindistana hem eltilen çörek miwesi häzirki wagtda 90-dan gowrak ýurtda ösdürilip ýetişdirilýär. Ýaşyl miwä ABŞ-da we Gawaide «ulu», Portugaliýada «fruta pao», Hindistanda «bakri çajar» diýilýär.

Miwäniň aglaba görnüşi nahardan öň ýa-da soň iýilýän bolsa, çörek miwesi nahar bilen bilelikde iýilýär. Daşky görnüşi jekfruta meňzeýän bu miwe ylmy dilde «Artocarpus altilis» diýlip atlandyrylýar. Ilkibaşda otda ýa-da köze gömlüp bişirilip iýlen bu miwäniň diametri 10-30 santimetre, agramy 3-5 kilograma ýetýär. Gabygy bäşburçluk bölejiklerden düzülen ullakan ýaşyl miwe doly ýetişende, täze bişirilen çörege meňzeş ys we süýtli şire bölüp çykarýar. Ýerli halk çöregiň we ýeralmanyň tagamyna meňzeş çörek miwesini gowrup ýa-da gaýnadyp, nan ornunda iýýär.

Çörek miwesini iýmek üçin, ilki bilen, iki bölege bölmeli we merkezindäki sarymtyl özeni aýyrmaly. Soňra paçagyny ýukajyk aýryp, akar suwuň aşagynda mazaly ýuwmaly. Uzyn ýa-da dörtburç görnüşde böleklere bölüp, islegiňe görä bişirmeli. Köplenç bu miwe uzyn hem-de inçejik dilimlenip, ýagsyz gowrulýar we naharyň ýany bilen iýilýär. Çörek miwesi belogyň we uglewodyň ajaýyp çeşmesi bolup, düzüminde az mukdarda ýag saklanýar. Antioksidantlara baý bu miwe wirusyň we bakteriýalaryň öňüni almaga ýardam edýär. Miwäniň çigitli we çigitsiz iki görnüşi bolýar. Maý-sentýabr aýlary aralygynda ýetişýän çörek miwesiniň çigidini edil kaştan ýaly, bişirip, gaýnadyp ýa-da üwelen görnüşde iýip bolýar.



Çörek miwesi hemişe ýaşyl öwsüp oturan tropik agaçda bitýär. Tutlar maşgalasyna (Moraceae) degişli bolan çörek agajy 60-80 ýyla çenli ýaşaýar. Agajyň bir düýbünden 50-150 sany ullakan miwe alyp bolýar. 25 metre çenli ösýän uly ýaprakly bu agaç gaýyk ýasamak üçin peýdalanylýar. Agajyň gülleri iki jynsly bolup, bir düýp çörek agajy 2 müňe çenli gül açýar. Çigidinden köpeldilýän owadan agaç ilki küýzä ekilýär, soňra açyk meýdana oturdylýar.

10 tapawudy tapyň!



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Labirint



## Gyzykly pursat








**35-nji KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** Oglan ady. **2.** Aýrybaşga, ýeke-täk, özbaşyna bolan adam. **3.** Lezzet, eşret. **4.** Afrikada bir derýa. **5.** Tok çeşmesiniň «minus» tarapy. **6.** Mali döwletiniň paýtagty. **7.** Goşunyň ýa-da harby güýçleriň iň ýokary ýolbaşçysy. **11.** Içki sekresiýa mäzlerini we gormonlary öwrenýän lukman. **14.** Grek elipbiýiniň üçünji harpy. **16.** Aşhana guraly. **19.** Owadan, çeper sözli adam. **20.** Şäher içindäki rels üstünde ýöreýän elektrik ulagy. **22.** «Haýwanlaryň şasy» hasaplanýan uly ýyrtyjy. **25.** Beden, syrat. **28.** Gurluşykda agyr ýükleri galdyrýan uly mehanizm. **29.** Metal halkalardan düzülen zynjyr.

● **KESELIGINE:** **5.** Geometrik şekil. **8.** Aleksandryň gadymy Watany. **9.** «Hello» we «Skyfall» aýdymlary bilen tanalýan meşhur iňlis aýdymçysy. **10.** Asman jisimlerine gözegçilik etmek üçin ulanylýan optiki gural. **12.** Öň bolup geçen, owalky. **13.** Norwegiýanyň bir şäheri. **14.** Heýkeltaraşlykda we lukmançylykda ulanylýan ak reňkli mineral. **15.** Çarwa durmuşyna garşylykly oturymly ekerançy. **17.** Tahýa salynýan nagşyň bir görnüşi. **18.** Motoryň bir görnüşi. **21.** Italiýanyň meşhur moda şäheri. **23.** Ot ýa-da galla ormak üçin ulanylýan gural. **24.** Buthana ýa-da ybadat edilýän uly bina. **26.** Ýaşyl baglyk, gül-çeçekli meýdança. **27.** Belli mekany bolmadyk, ýersiz-ýurtsuz. **30.** Italýan futbol topary. **31.** Pişige görä kiçiräk, syçanpisint, ala reňkli, ýakymsyz ysly jandar. **32.** Howadaky ýa-da ýerdäki çyg.









Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Ispaniýanyň milli ýygyndysynyň taryhy çempionlygy
















**Ine-de, 40 günläp dowam eden futbol baýramçylygy Nýu Ýorkuň golaýyndaky «MetLife Stadium»-da oýnalan Ispaniýa bilen Argentinanyň arasyndaky final duşuşygy bilen tamamlandy. Duşuşyga 80 müň 663 janköýer tomaşa etdi.**

Kiçeňräk konsertden soň sloweniýaly Slawko Winçiçiň jürlewüginiň ýaňlanmagy bilen başlanan final duşuşygy ispanlaryň doly artykmaçlygynda geçdi. Turuwbaşdan topy özlerinde saklan ispanlara argentinler gorag hem-de gödek oýun taktikasy bilen jogap berdi. 1-nji ýarym golsuz tamamlanyp, argentinleriň ýeke takyk urgusy hasaba alynmady.

2-nji ýaryma-da ispanlar erjellik bilen başlady. Ýöne muňa garamazdan, ýene-de olara hasaby açmak başartmady. Howply pursatlarda derwezeçi Emiliano Martines öz ussatlygyny görkezdi. Duşuşygyň 90+3-nji minutynda eden gödek hereketi üçin Enzo Fernandes 2-nji sary kartyny alyp, meýdançadan çykaryldy. Bu kart onsuzam garşydaşynyň derwezesine sary hüjüm geçirmekde kynçylyk çekýän argentinler üçin ýagdaýy hasam çylşyrymlaşdyrdy. Esasy wagtyň iň soňky pursadynda Lamin Ýamal jerime urgusyndan topy tasdanam derweзä gönükdiripdi. Ýöne Martines topy sowmagy başardy. Enzo Fernandes Dünýä Kubogynyň çäginde finalda gyzyl kart alan 6-njy futbolçy boldy. Ondan öň 1990-njy ýylda argentinaly Pedro Monson bilen Gustawo Desotti, 1998-nji ýylda fransiýaly Marsel Desaýi, 2006-njy ýylda Zinedin Zidan hem-de 2010-njy ýylda niderland Jon Heýtinga finalda gyzyl kart alypdylar.



Ýeňiji bassyr 2-nji, umumylykda-da 9-njy gezek esasy wagtda belli bolmady. Goşmaça 30 minutyň ilkinji ýarymynda-da ispanlar şowly oýun görkezdi. 96-njy minutda Niko Williamsyň geçiren goly Merinonyň oýnuň düzgünini bozandygy üçin hasaba alynmady. 102-nji minutda ispanlaryň joker golçusy Mikel Merino kelle urgusy bilen hasaby açmaga golaý gelse-de, top sowa gitdi. 2-nji 15 minutlyga ispanlar gol bilen başlady. Niko Williamsyň jerime meýdançanyň içinde kellesi bilen beren topuny batly uran Ferran Torres hasaby açdy. Ol 62-nji minutda Oýarzabalyň ornuna meýdança giripdi. Ferran Torres germaniýaly Mario Gýotseden soň finalda oýna girip, gol geçiren 2-nji futbolçy boldy. Galan minutlarda argentinlerem azda-kände tijenjek bolsa-da, hasap üýtgemedi. 113-nji minutda Ferran Torres 2-nji gezek tapawutlandy, ýöne sähel tapawutlylykda ofsaýt sebäpli gol hasaba alynmady. Netijede, duşuşyk 1–0 hasabynda ispanlaryň ýeňşi bilen tamamlandy.

Şunlukda, Ispaniýanyň ýygyndysy 2010-njy ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogynyň ýeňijisi bolmagy başardy. Ispanlar bu kubogy 2 gezek gazanan 7-nji topar boldy. Häzirki wagtda çempionlyk gazanan 8 ýygyndydan diňe Angliýanyň milli toparynyň 2 çempionlygy ýok. Ispaniýanyň ýygyndysy şu çempionatda ýeke duşuşykda-da garşydaşlarynyň öňe geçmegine ygtyýar bermän çempionlyk gazandy. Mundan öň şeýle statistika bilen Italiýanyň (1938, 1982) hem-de Germaniýanyň (1990) ýygyndylary çempionlyk gazanypdy.

Duşuşykdan soň iň arzyly kubogy asmana göteren Rodri karýerasyndaky iň esasy ýeňşe ýetdi. Ol kubogy FIFA-nyň Prezidenti Janni Infantinonyň hem-de ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň elinden aldy.

38 oýundan bäri ýeňilmän gelýän ispanlar bu ugurda Italiýanyň taryhy rekordyny hem täzelediler. Ispaniýanyň ýygyndysy 2 ýyl öňki Ýewropanyň çempionlygyndan soň, Dünýä Kubogyny eýelemegi başardy. Olar şeýle statistikany 2-nji gezek gaýtalaýarlar. 2008-nji ýylda Ýewropanyň çempiony bolan Ispaniýa 2010-njy ýylda-da Dünýä Kubogynda ýeňiş gazanypdy. Ispaniýadan öň 1972-nji ýylda yklym çempionlygyny gazanan Günbatar Germaniýa 2 ýyldan soňam Dünýä çempiony bolupdy.

Çempion Ispaniýanyň ýyldyzy Lamin Ýamal Dünýä Kubogynyň finalynda oýnan iň ýaş 3-nji futbolçy bolup, ondan öňde braziliýaly Pele (1958) bilen italiýaly Juseppe Bergomi (1982) bar. Ispaniýanyň ýygyndysy finalda 2 sany 20 ýaşdan kiçi futbolçy bilen meýdança çykan topar boldy (Ýamal bilen Kubarsi).

Häzirki wagtda zenanlaryň arasyndaky Dünýä Kubogynda-da çempion ispanlar bolup, Ispaniýa bir wagtda erkeklerde-de, zenanlarda-da Dünýä çempionlygy bolan ilkinji ýurt hökmünde hasaba alyndy.

Argentinanyň ýygyndysy bolsa Italiýadyr Braziliýadan soň bassyr 2-nji gezek çempionlyk gazanan 3-nji topar bolmak mümkinçiligini elden giderdi. Argentinanyň ýygyndysy 4-nji gezek kümüş medala mynasyp bolup, Germaniýa bilen bilelikde, finalda iň köp utulan 2 toparyň biri hökmünde hasaba alyndy. Argentinanyň ýygyndysy mundan öň 1930-njy, 1990-njy hem-de 2014-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi.

Lionel Messi braziliýaly Kafudan soň Dünýä Kubogynda 3 finalda oýnan 2-nji futbolçy bolup, ol ählisinde-de esasy düzümde meýdança çykdy. Kafu diňe 2-sinde esasy düzümde oýnap, 1994-nji ýyldaky finalda 21-nji minutda Žoržinionyň ornuna giripdi. Messi 39 ýaş 25 gün bilen 1982-nji ýylda 40 ýaşynda oýnan italiýaly derwezeçi Dino Zoffdan soň Dünýä Kubogynyň finalynda çykyş eden iň ýaşuly 2-nji futbolçy boldy.




## Rodri 11-nji futbolçy

Çempionatyň iň ökde oýunçysyna berilýän «Altyn top» baýragyna çempion Ispaniýanyň ýygyndysynyň ýarymgoragçysy Rodri laýyk görüldi. 30 ýaşyndaky futbolçy bu ugurda Lionel Messi (Kümüş top) hem-de Kilian Mbappeden (bürünç top) öňe geçdi. Rodri şu çempionatda 756 takyk pas geçirip, bu statistikalaryň sanawa alnyp başlanan wagtyndan (1966) bäri iň ýokary görkeziji boldy.



Rodri futbolyň taryhynda Dünýä Kubogyny, UEFA Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny hem-de «Altyn topy» (Ballon d'Or) gazanan 11-nji futbolçy bolmagy başardy. Ondan öň angliýaly Bobbi Çarlton, germaniýaly Frans Bekkenbauer, Gerd Müller, italiýaly Paolo Rossi, fransiýaly Zinedin Zidan, braziliýaly Ronaldinio, Riwaldo, Kaka Leite, argentinaly Lionel Messi, fransiýaly Usman Dembele milli toparlaryň, klublaryň hem-de şahsy baýraklaryň arasyndaky iň ululary hasaplanýan bu 3 sylagy eýelediler.

23-nji Dünýä Kubogynda iň ökde derwezeçä berilýän «Altyn ellik» baýragyna Unaý Simon laýyk görüldi. Ispaniýaly derwezeçi 8 oýunda 1 gol geçirdip, ol 650 minut derwezesini goldan gorady we bu ugurda rekordyň täze eýesi boldy.

Çempionatyň iň ökde ýaş futbolçysy baýragyny ispaniýaly Pau Kubarsi eýeledi. 19 ýaşyndaky goragçy toparynyň çempionlygyna uly goşant goşdy.

23-nji Dünýä Kubogynyň Fair-Play baýragy bolsa Niderlandlaryň ýygyndysyna berildi.



## Iň ýaşuly tälimçi

Ispaniýanyň ýygyndysyna taryhy çempionlyk gazandyran Luis de la Fuente Dünýä Kubogyny eýelän iň ýaşuly tälimçi boldy. 65 ýaşyndaky hünärmen bu ugurda ozalky rekordyň eýesi, watandaşy Wisente del Boskeden öňe geçdi. Del Boske 59 ýaşyndaka 2010-njy ýylda Ispaniýany çempion edipdi. Luis de la Fuente Ýewropa çempionlygyndan soň, Dünýä Kubogyny hem gazanyp, taryhy statistika eýe boldy. 2023-nji ýylda Ispaniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellenen Luis de la Fuente ondan öň 2015-nji ýylda Ispaniýanyň U19 toparyny, 2019-njy ýylda-da Ispaniýanyň U21 toparyny Ýewropanyň çempiony edipdi. Tokioda bolsa Ispaniýanyň Olimpiýa ýygyndysyna bürünç medal gazandyrypdy. Ispaniýanyň milli ýygyndysyna 2023-nji ýylda UEFA Milletler Ligasynyň, 2024-nji ýylda-da Ýewropanyň çempionlyklaryny gazandyran Luis de la Fuente futbolçylyk ýyllarynyň agramly bölegini «Atletik Bilbaoda» geçiripdi. De la Fuente 2013-nji ýyldan bäri Ispaniýanyň dürli ýaşlardaky ýygyndylaryny, başgaça aýdylanda, ol çempionlyk gazanan oýunçylaryň köpüsini 10 ýyldan gowrak wagt bäri türgenleşdirip gelýär.



## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – FINAL

**ISPANIÝA — ARGENTINA: 1–0 (g.w.)**

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unaý Simon — Pedro Porro, Pau Kubarsi, Emerik Laport (Erik Garsiýa 99), Mark Kukurelýa — Rodri (k) (Martin Zubimendi 99), Fabian Ruiz (Pedri 62), Dani Olmo (Mikel Merino 75) — Lamin Ýamal, Mikel Oýarzabal (Ferran Torres 62), Aleks Baena (Niko Williams 75); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuente

**ARGENTINA (4-4-2):** Emiliano Martines — Montiel (Molina 58), Lisandro Martines (Nikolas Otamendi 44), Kristian Romero (Fakundo Medina 70), Taliafiko — De Paul (Juliano Simeone 70), Mak Allister, Enzo Fernandes, Niko Gonzales (Parades 46) — Hulian Alwares (Markos Senesi 102), Lionel Messi (k); ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**GOL:** Ferran Torres 106

**GYZYL KART:** Enzo Fernandes (Argentina) 90+3

**SARY KART:** Lisandro Martines, Romero, Mak Allister, Parades, Fernandes (Argentina)

**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)

**TOMAŞAÇY:** 80 663

**EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ferran Torres (Ispaniýa)

## Dünýä kubogy 2026-nyň gutarnykly sanawy

| OR. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | NETIJE |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Ispaniýa | 8 | 7 | 1 | 0 | 14–1 | Çempion |
| 2 | Argentina | 8 | 7 | 0 | 1 | 19–8 | Finalçy |
| 3 | Angliýa | 8 | 6 | 1 | 1 | 20–12 | 3-nji ýer |
| 4 | Fransiýa | 8 | 6 | 0 | 2 | 20–10 | 4-nji ýer |
| 5 | Norwegiýa | 6 | 4 | 0 | 2 | 13–11 | Çärýek final |
| 6 | Belgiýa | 6 | 3 | 2 | 1 | 14–7 | Çärýek final |
| 7 | Marokko | 6 | 3 | 2 | 1 | 10–6 | Çärýek final |
| 7 | Şweýsariýa | 6 | 3 | 2 | 1 | 10–6 | Çärýek final |
| 9 | Meksika (Ý) | 5 | 4 | 0 | 1 | 10–3 | 1/8 final |
| 10 | Kolumbiýa | 5 | 3 | 2 | 0 | 5–1 | 1/8 final |
| 11 | Braziliýa | 5 | 3 | 1 | 1 | 10–4 | 1/8 final |
| 12 | ABŞ (Ý) | 5 | 3 | 0 | 2 | 11–8 | 1/8 final |
| 13 | Portugaliýa | 5 | 2 | 2 | 1 | 8–3 | 1/8 final |
| 14 | Kanada (Ý) | 5 | 2 | 1 | 2 | 9–6 | 1/8 final |
| 15 | Müsür | 5 | 1 | 3 | 1 | 8–7 | 1/8 final |
| 16 | Paragwaý | 5 | 1 | 2 | 2 | 3–6 | 1/8 final |
| 17 | Niderlandlar | 4 | 2 | 2 | 0 | 11–5 | 1/16 final |
| 18 | Germaniýa | 4 | 2 | 1 | 1 | 11–5 | 1/16 final |
| 19 | Kot-d'Iwuar | 4 | 2 | 0 | 2 | 5–4 | 1/16 final |
| 20 | Horwatiýa | 4 | 2 | 0 | 2 | 6–7 | 1/16 final |
| 21 | Ýaponiýa | 4 | 1 | 2 | 1 | 8–5 | 1/16 final |
| 22 | Awstraliýa | 4 | 1 | 2 | 1 | 3–3 | 1/16 final |
| 23 | Kongo DR | 4 | 1 | 1 | 2 | 5–5 | 1/16 final |
| 24 | Gana | 4 | 1 | 1 | 2 | 2–3 | 1/16 final |
| 25 | Ekwador | 4 | 1 | 1 | 2 | 2–4 | 1/16 final |
| 25 | Günorta Afrika | 4 | 1 | 1 | 2 | 2–4 | 1/16 final |
| 27 | Şwesiýa | 4 | 1 | 1 | 2 | 7–10 | 1/16 final |
| 28 | Awstriýa | 4 | 1 | 1 | 2 | 6–9 | 1/16 final |
| 29 | Bosniýa we Gers. | 4 | 1 | 1 | 2 | 5–8 | 1/16 final |
| 30 | Alžir | 4 | 1 | 1 | 2 | 5–9 | 1/16 final |
| 31 | Senegal | 4 | 1 | 0 | 3 | 10–9 | 1/16 final |
| 32 | Kabo Werde | 4 | 0 | 3 | 1 | 4–5 | 1/16 final |
| 33 | Eýran | 3 | 0 | 3 | 0 | 3–3 | Toparçada |
| 34 | Koreýa Respub. | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–3 | Toparçada |
| 35 | Türkiýe | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–5 | Toparçada |
| 36 | Şotlandiýa | 3 | 1 | 0 | 2 | 1–4 | Toparçada |
| 37 | Urugwaý | 3 | 0 | 2 | 1 | 3–4 | Toparçada |
| 38 | Saud Arabystany | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–5 | Toparçada |
| 39 | Çehiýa | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–6 | Toparçada |
| 40 | Täze Zelandiýa | 3 | 0 | 1 | 2 | 4–10 | Toparçada |
| 41 | Katar | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–10 | Toparçada |
| 42 | Kýurasao | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–9 | Toparçada |
| 43 | Panama | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–4 | Toparçada |
| 44 | Iordaniýa | 3 | 0 | 0 | 3 | 3–8 | Toparçada |
| 45 | Gaiti | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–8 | Toparçada |
| 46 | Özbegistan | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 | Toparçada |
| 47 | Tunis | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–12 | Toparçada |
| 48 | Yrak | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–12 | Toparçada |

## Angliýa 60 ýyldan soň ilkinji medalyny gazandy

Maýami Gardensdäki «Hard Rock Stadium»-da oýnalan Fransiýa bilen Angliýanyň arasyndaky bürünç medal ugrundaky duşuşykda taryhy netije hasaba alyndy. Çempionlyk umytlary bilen gelip, ýarym finalda utulan iki lapykeç toparyň duşuşygy şu çempionatyň iň golly oýny boldy. Iki toparyň tälimçisi hem esasy düzümiň käbir oýunçylaryny meýdança çykarmady.




Duşuşygyň 3-nji minutynda angliýaly Deklan Raýs uzakdan urgy bilen hasaby açdy. 18-nji minutda burçdan urguda topy kellesi bilen Konsa derweзä girizip, hasaby 2–0-a çykardy. 1-nji ýarymda garşydaşyny derbi-dagyn eden iňlisleriň ýyldyzy Bukaýo Saka 37-nji hem-de 45+1-nji minutlarda 2 gol geçirip, aratapawudy hasam artdyrdy. Toparlar arakesmä Angliýanyň 4-0 hasabyndaky üstünligi bilen çykdylar.

Milli ýygyndydaky 14 ýyllyk tälimçiliginiň iň soňky duşuşygyndaky bu hasap bilen kanagatlanmaýan Didie Deşam 2-nji ýaryma 4 oýunçy çalşygy bilen başlady. Deşamyň bu çalşygy oňyn netijesini berip, fransuzlar 20 minutda aratapawudy 1 gola düşürdiler. 48-nji minutda Mbappe çempionatdaky 9-njy goluny geçirdi. 54-nji minutda Barkola toparynyň 2-nji goluny öz adyna ýazdyrdy. 66-njy minutda tapawutlanan Mbappe 10-njy, umumylykda-da 22-nji goluny geçirdi. Bu goldan soňam fransuzlara hasaby deňlemek üçin mümkinçilikler bolsa-da, Maýkl Olise 2 sany örän amatly pursatdan ýerlikli peýdalanyp bilmedi.



Oýnuň 87-nji minutynda wenesuelaly emin Hesus Walensuelanyň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Saka het-trigini tamamlap, Dünýä Kubogynyň taryhynda 1966-njy ýyldan bäri pleý-off duşuşygynda 3 gol salan ilkinji angliýaly futbolçy boldy. Duşuşygyň 90+6-njy minutynda Usman Dembele fransuzlaryň 4-nji goluny geçirse-de, 2 minutdan soň Jud Bellingam iňlisleriň 6-njy pökgüsini fransuzlaryň derwezesinden girizip, oýna soňky nokady goýdy.

Netijede, 6-4 hasabynda ýeňiş gazanan Angliýanyň ýygyndysy 60 ýyldan soň, Dünýa Kubogynda medal gazanmagy başardy. Bu üstünlik 1966-njy ýyldaky çempionlygyndan bäri Angliýanyň ýygyndysynyň iň uly başarnygy boldy.

Angliýa bilen Fransiýanyň ýygyndylarynyň şu çempionatda geçiren gollarynyň sany 20 bolup, olar Dünýä Kubogy 2026-nyň iň köp gol salan toparlary boldy. Soňky sapar 1958-nji ýylda 20 gol geçirilipdi. Dünýä Kubogynda 4-nji gezek 20 gol geçirilip, 1950-nji ýylda Braziliýa 22, 1954-nji ýylda Wengriýa 27 (rekord), 1958-nji ýylda Fransiýa 23 goly derwezä giriizipdi.

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 3-nji ÝER

**FRANSIÝA — ANGLIÝA: 4–6**

**FRANSIÝA (4–2–3–1):** Menýan — Malo Gusto (Žul Kunde 90+1), Ibrahime Konate (Upamekano 46), Maksens Lakrua, Teo Hernandes (Luka Din 46) — Zair-Emeri, Adrien Rabio — Maýkl Olise, Raýan Şerki (Usman Dembele 46), Desire Due (Bredli Barkola 46) — Kilian Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**ANGLIÝA (4–3–3):** Din Henderson — Kuansah (Ris Jeýms 83), Ezri Konsa, Mark Gehi (Çaloba 90+2), Džed Spens — Deklan Raýs (k), Morgan Rojers, Ebereçi Eze (Elliot Anderson 79) — Bukaýo Saka, Iwan Touni (Jud Bellingam 79), Markus Reşford (Olli Watkins 46); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**GOL:** Mbappe 48, 66, Barkola 54, Dembele 90+6 — Raýs 3, Konsa 18, Saka 37, 45+1, 87 (p), Bellingam 90+8

**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami Gardens)

**TOMAŞAÇY:** 64 478

**EMIN:** Hesus Walensuela (Wenesuela)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Bukaýo Saka (Angliýa)



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Mbappeniň yzly-yzyna 2-nji «Altyn butsy» baýragy



Bürünç medal ugrundaky duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Kilian Mbappeniň şu çempionatdaky gollarynyň sany 10-a ýetdi. Şol bir wagtyň özünde-de 22-nji oýnunda 22-nji goluny geçirdi. Fransiýaly ýyldyz oýunçy 2 görkeziji boýunça-da Lionel Messiden öňe geçmegi başardy. Şeýlelikde, «Altyn butsy» baýragyny gazanan Kilian Mbappe yzly-yzyna iki Dünýä Kubogynyň iň köp gol geçiren oýunçysy bolup, muny başaran ilkinji futbolçy hökmünde taryha girdi. Mbappe 4ýyl öňki Katar 2022-de 8 gol geçirip, «Altyn butsy» baýragyny eýeläpdi. Galyberse-de, Mbappe soňky 56ýylda bir Dünýä Kubogynda 10 gol geçiren ilkinji, umumylykda 4-nji futbolçy boldy. Başgaça aýdylanda, 1970-nji ýyldan bäri hiç bir futbolçy gol geçirmekde iki sifrli sana ýetmändi. Mbappeden öň 1954-nji ýylda wengriýaly Sandor Koçiş 11, 1958-nji ýylda fransiýaly Žýust Fonten 13, 1970-nji ýylda-da germaniýaly Gerd Müller 10 gol geçiripdi.

Kilian Mbappeniň Dünýä Kubogynda geçiren umumy gollarynyň sany 22-ä ýetdi. Ol 21 golly Lionel Messiden öňe saýlanyp, rekordyň täze eýesi bolmagy başardy.

Şeýle-de, Mbappe şu möwsümde Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» 23, UEFA Çempionlar Ligasynda 15, Dünýä Kubogynda-da 10 gol salyp, 3 ýaryşda iň köp gol geçiren futbolçy boldy. Ýöne Mbappe möwsümi ýeke kubok hem gazanyp bilmezden tamamlady.

**Dünýä Kubogynda iň köp gol geçiren ýyldyzlar**

● Şu çempionatda Miroslaw Klozeniň 12 ýyllyk rekordyny 2 futbolçy täzeledi we netijede, häzirlikçe rekord Mbappede galdy. Kilian Mbappe 22oýunda 22 gol geçiren bolsa, Messi 21 gola 34 oýunda ýetdi. Miroslaw Klozä 16 gola ýetmek üçin 24 oýun gerek boldy. Braziliýaly Ronaldo 4 çempionata wekilçilik edip, 19 oýunda 15 goly öz adyna ýazdyrdy. Gerd Müller 1970–74-nji ýyllarda 2 çempionatda 13 duşuşykda 14 gol geçirip, ol rekordy ep-esli ýyl özünde saklady. Harri Keýn hem 3-nji çempionatyny tamamlap, 18 oýunda 14gezek tapawutlandy. Fransiýaly Žýust Fonteniň taryhy rekordy häzirlikçe özünde galmagyny dowam etdirýär. Ol 1958-nji ýyldaky çempionatda 6oýunda 13 gol geçirip, taryhy statistika eýe bolupdy. Futbolyň şasy Pele 4 çempionata gatnaşyp, birinde şikesi sebäpli oýnap bilmesede, 14duşuşykda 12 gol geçirdi. Pele Dünýä Kubogyny 3gezek gazanan ýeke-täk oýunçydyr. Žýust Fonten 6oýunda 13 gol salyp, ortaça hasapda fransiýaly futbolçynyň paýyna her duşuşyga 2,17 goldan düşýär. Ýöne Fontenden hem öňde wengriýaly Sandor Koçiş bar. Ol Fontenden 4 ýyl öň 5 duşuşykda 11 gezek tapawutlandy (ortaça 2,20gol). Umumylykda şu wagta çenli geçirilen 23Dünýä Kubogynda 17 futbolçy 10 we 10-dan köp gol saldy. Dünýä futbolynyň ýyldyzlaryndan portugaliýaly Kristiano Ronaldo 6çempionatda gol geçiren ýeke-täk futbolçy bolup, ol 27oýunda 11 gezek topy derwezä girizdi.

| DK 2026-DA IŇ KÖP GOL GEÇIRENLER | GOL | ASIST | OÝUN | MINUT |
|---|---|---|---|---|
| Kilian Mbappe (Fransiýa) ---------------- | 10 | 4 | 8 | 769 |
| Lionel Messi (Argentina) ---------------- | 8 | 4 | 8 | 712 |
| Jud Bellingam (Angliýa) ---------------- | 7 | 1 | 8 | 698 |
| Erling Hollan (Norwegiýa) --------------- | 7 | 0 | 5 | 537 |
| Usman Dembele (Fransiýa) -------------- | 6 | 2 | 8 | 648 |
| Harri Keýn (Angliýa) -------------------- | 6 | 1 | 7 | 732 |
| Mikel Oýarzabal (Ispaniýa) -------------- | 5 | 1 | 8 | 599 |
| Ismaila Sarr (Senegal) ------------------- | 4 | 1 | 4 | 419 |
| Hulian Kuinýones (Meksika) ------------- | 4 | 1 | 5 | 440 |
| Winisius Junior (Braziliýa) -------------- | 4 | 1 | 5 | 505 |

**Dünýä Kubogynyň taryhynda iň köp gol geçiren futbolçylar**

| FUTBOLÇYLAR | GOL | OÝUN | GATNAŞAN DK SANY |
|---|---|---|---|
| Kilian Mbappe (Fransiýa) | 22 | 22 | 2018-22-26 |
| Lionel Messi (Argentina) | 21 | 34 | 2006-10-14-18-22-26 |
| Miroslaw Kloze(Germaniýa) | 16 | 24 | 2002-06-10-14 |
| Ronaldo (Braziliýa) | 15 | 19 | 1994-98-2002-06 |
| Gerd Müller (Germaniýa) | 14 | 13 | 1970-74 |
| Harri Keýn (Angliýa) | 14 | 18 | 2018-22-26 |
| Žýust Fonten (Fransiýa) | 13 | 6 | 1958 |
| Pele (Braziliýa) | 12 | 14 | 1958-62-66-70 |
| Sandor Koçiş (Wengriýa) | 11 | 5 | 1954 |
| Ýurgen Klinsmann (Germaniýa) | 11 | 17 | 1990-94-98 |
| Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) | 11 | 27 | 2006-10-14-18-22-26 |
| Helmut Ran (Germaniýa) | 10 | 10 | 1954-58 |
| Gari Lineker (Angliýa) | 10 | 12 | 1986-90 |
| Gabriel Batistuta (Argentina) | 10 | 12 | 1994-98-2002 |
| Teofilo Kubilýas (Peru) | 10 | 13 | 1970-74-82 |
| Tomas Müller (Germaniýa) | 10 | 19 | 2010-14-18-22 |
| Gžegož Lýato (Polşa) | 10 | 20 | 1974-78-82 |

# Gatnaşan ähli toparlaryň sanawy

Futbolyň iň uly ýaryşy hasaplanýan Dünýä Kubogy tamamlanyp, 23-nji gezek geçirilen ýaryşyň umumy sanawynda Braziliýa öňdeligini saklap gelýär. Sambaçylar soňky 6 çempionaty çempion bolmazdan tamamlasalar hem ähli ýaryşa gatnaşan ýeke-täk topar bolmagyny dowam etdirýär.

**Ähli Dünýä Kubogyna gatnaşan 84 toparyň umumy görkezijileriniň sanawy (23 çempionatyň netijesi)**

| No | TOPARLAR | GATNAŞYK | DUŞUŞYK | ÝEŇIŞ | DEŇLIK | ÝEŇLIŞ | GOL |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Braziliýa | 23 | 119 | 79 | 20 | 20 | 247–112 |
| 2 | Germaniýa | 21 | 116 | 70 | 22 | 24 | 243–135 |
| 3 | Argentina | 19 | 96 | 54 | 17 | 25 | 171–109 |
| 4 | Italiýa | 18 | 83 | 45 | 21 | 17 | 128–77 |
| 5 | Fransiýa | 17 | 81 | 45 | 14 | 22 | 156–95 |
| 6 | Angliýa | 17 | 82 | 38 | 23 | 21 | 124–80 |
| 7 | Ispaniýa | 17 | 75 | 38 | 18 | 19 | 122–76 |
| 8 | Niderlandlar | 12 | 59 | 32 | 16 | 11 | 107–57 |
| 9 | Urugwaý | 15 | 62 | 25 | 15 | 22 | 92–80 |
| 10 | Belgiýa | 15 | 57 | 24 | 12 | 21 | 83–81 |
| 11 | Meksika | 18 | 65 | 21 | 15 | 29 | 72–104 |
| 12 | Şwesiýa | 13 | 55 | 20 | 14 | 21 | 87–83 |
| 13 | Russiýa | 11 | 45 | 19 | 10 | 16 | 77–54 |
| 14 | Portugaliýa | 9 | 40 | 19 | 8 | 13 | 69–44 |
| 15 | Serbiýa | 13 | 49 | 18 | 9 | 22 | 71–71 |
| 16 | Şweýsariýa | 13 | 47 | 17 | 10 | 20 | 65–79 |
| 17 | Polşa | 9 | 38 | 17 | 6 | 15 | 49–50 |
| 18 | Horwatiýa | 7 | 34 | 15 | 8 | 11 | 49–40 |
| 19 | Wengriýa | 9 | 32 | 15 | 3 | 14 | 87–57 |
| 20 | Awstriýa | 8 | 33 | 13 | 5 | 15 | 49–56 |
| 21 | ABŞ | 12 | 42 | 12 | 8 | 22 | 51–74 |
| 22 | Slowakiýa | 9 | 34 | 12 | 6 | 16 | 49–52 |
| 23 | Çehiýa | 10 | 36 | 12 | 6 | 18 | 49–55 |
| 24 | Kolumbiýa | 7 | 27 | 12 | 5 | 10 | 37–31 |
| 25 | Çili | 9 | 33 | 11 | 7 | 15 | 40–49 |
| 26 | Paragwaý | 9 | 32 | 8 | 12 | 12 | 33–44 |
| 27 | Koreýa Resp. | 12 | 41 | 8 | 10 | 23 | 41–81 |
| 28 | Daniýa | 6 | 23 | 9 | 6 | 8 | 31–29 |
| 29 | Marokko | 7 | 29 | 8 | 9 | 12 | 30–33 |
| 30 | Ýaponiýa | 8 | 29 | 8 | 8 | 13 | 33–38 |
| 31 | Rumyniýa | 7 | 21 | 8 | 5 | 8 | 30–32 |
| 32 | Kosta Rika | 6 | 21 | 6 | 5 | 10 | 22–39 |
| 33 | Kamerun | 8 | 26 | 5 | 8 | 13 | 22–47 |
| 34 | Gana | 5 | 19 | 6 | 4 | 9 | 20–26 |
| 35 | Şotlandiýa | 9 | 26 | 5 | 7 | 14 | 26–45 |
| 36 | Norwegiýa | 4 | 14 | 6 | 3 | 5 | 20–19 |
| 37 | Senegal | 4 | 16 | 6 | 3 | 7 | 26–26 |
| 38 | Ekwador | 5 | 17 | 6 | 3 | 8 | 16–18 |
| 39 | Nigeriýa | 6 | 21 | 6 | 3 | 12 | 23–30 |
| 40 | Awstraliýa | 7 | 24 | 5 | 6 | 13 | 20–40 |
| 41 | Türkiýe | 3 | 13 | 6 | 1 | 6 | 23–22 |
| 42 | Peru | 5 | 18 | 5 | 3 | 10 | 21–33 |
| 43 | Bolgariýa | 7 | 26 | 3 | 8 | 15 | 22–53 |
| 44 | Kot-d'Iwuar | 4 | 13 | 5 | 1 | 7 | 18–18 |
| 45 | Alžir | 5 | 17 | 4 | 4 | 9 | 18–28 |
| 46 | Eýran | 7 | 21 | 3 | 7 | 11 | 16–34 |
| 47 | Saud Arabystany | 7 | 22 | 4 | 4 | 14 | 15–49 |
| 48 | Irlandiýa | 3 | 13 | 2 | 8 | 3 | 10–10 |
| 49 | Günorta Afrika | 4 | 13 | 3 | 5 | 5 | 13–20 |
| 50 | D. Irlandiýa | 3 | 13 | 3 | 5 | 5 | 13–13 |
| 51 | Tunis | 7 | 21 | 3 | 5 | 13 | 16–38 |
| 52 | Gündogar Germaniýa | 1 | 6 | 2 | 2 | 2 | 5–5 |
| 53 | Müsür | 4 | 12 | 1 | 5 | 6 | 13–19 |
| 54 | Gresiýa | 3 | 10 | 2 | 2 | 6 | 5–20 |
| 55 | Ukraina | 1 | 5 | 2 | 1 | 2 | 5–7 |
| 56 | Bosniýa we Gers. | 2 | 7 | 2 | 1 | 4 | 9–12 |
| 57 | Uels | 2 | 8 | 1 | 4 | 3 | 5–10 |
| 58 | Kanada | 3 | 11 | 2 | 1 | 8 | 11–18 |
| 59 | Sloweniýa | 2 | 6 | 1 | 1 | 4 | 5–10 |
| 60 | Kuba | 1 | 3 | 1 | 1 | 1 | 5–12 |
| 61 | Kongo DR | 2 | 7 | 1 | 1 | 5 | 5–19 |
| 62 | KHDR | 2 | 7 | 1 | 1 | 5 | 6–21 |
| 63 | Täze Zelandiýa | 3 | 9 | 0 | 4 | 5 | 8–24 |
| 64 | Kabo Werde | 1 | 4 | 0 | 3 | 1 | 4–5 |
| 65 | Ýamaýka | 1 | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–9 |
| 66 | Gonduras | 3 | 9 | 0 | 3 | 6 | 3–14 |
| 67 | Angola | 1 | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–2 |
| 68 | Ysraýyl | 1 | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–3 |
| 69 | Islandiýa | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–5 |
| 70 | Kuweýt | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–6 |
| 71 | Trinidad we Tobago | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 0–4 |
| 72 | Kýurasao | 1 | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–9 |
| 73 | Katar | 2 | 6 | 0 | 1 | 5 | 3–17 |
| 74 | Boliwiýa | 3 | 6 | 0 | 1 | 5 | 1–20 |
| 75 | Iordaniýa | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 3–8 |
| 76 | Togo | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–6 |
| 77 | Indoneziýa | 1 | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–6 |
| 78 | BAE | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 |
| 79 | Özbegistan | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 |
| 80 | Hytaý | 1 | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–9 |
| 81 | Panama | 2 | 6 | 0 | 0 | 6 | 2–15 |
| 82 | Yrak | 2 | 6 | 0 | 0 | 6 | 2–16 |
| 83 | Gaiti | 2 | 6 | 0 | 0 | 6 | 4–22 |
| 84 | Salwador | 2 | 6 | 0 | 0 | 6 | 1–22 |

# OLISE ÇEMPIONATY 7 ASIST BILEN TAMAMLADY



Gatnaşýan toparlaryň sanynyň köp bolmagy we netijede, ozalkylardan artygrak duşuşyklaryň geçirilmegi rekordlaryň, statistikalaryň ençemesiniň täzelenmegine getirdi. Şol statistikalaryň biri-de asistler bolup, bürünç medal duşuşygynda 2 goluň pasyny beren fransiýaly Maýkl Oliseniň asistleriniň sany 7-ä ýetdi. Olise bir çempionatda iň köp asist eden 3 futbolçynyň biri boldy. Bu ugurda rekord onuň watandaşy Raýmon Kopa degişli bolup, ol 1958-nji ýylda 8 gezek asist edipdi. Olise bu görkeziji boýunça 2-nji ýerde barýan germaniýaly Frist Wolter bilen deňleşdi. Wolter 1954-nji ýylda 7 gola asist edipdi. Ilkinji goluny geçirmek üçin tagalla baryny eden Olise soňky 68 ýylyň iň ýokary görkezijisine ýetdi.

Dünýä Kubogy 2026-da 4 asist eden Lionel Messiniň şu çempionata çenli 8 asisti bardy we Diego Maradona bilen rekordy paýlaşýardy. Ýöne bu çempionatdan soň Messiniň asistleriniň sany 12-ä ýetdi we ol rekordy hasam ösdürdi. «Opta»-nyň hasaba alyp başlan ýylyndan (1966) bäri görkezijiler boýunça Maradona öňde bolsa-da, Pele 1958–1970-nji ýyllarda 10 asist etdi. Ýöne haýsy statistika bolanda-da, Messi futbolyň iki ägirdiniň hem rekordyny geçmegiň hötdesinden geldi. Messiniň 12 asistiniň 10-sy utulan-çykdy oýunlarynda hasaba alnyp, bu görkeziji hem rekorda deňdir. Şu çempionaty Messi bilen bir hatarda, Kilian Mbappe, Bruno Gimaraýns, Brahim Diaz hem-de Martin Edegor dagyda 4 asist bilen tamamlady. 7 futbolçy-da 3 asist etdi.

# Dünýä Kubogy 2026: sanlar, hasabatlar, gyzykly maglumatlar



* Dünýä Kubogynda jemi 104 duşuşyk geçirilip, şolarda 308 gol hasaba alyndy. Iki görkeziji hem iň ýokary statistika bolup, ortaça alnanda, her oýna 2,96 goldan düşýär (1970-nji ýyldan bäri iň ýokary görkeziji). 4 futbolçy het-trik etdi. Olar argentinaly Lionel Messi, kanadaly Jonatan Dewid, fransiýaly Usman Dembele hem-de angliýaly Bukaýo Sakadyr.

* 14 awtogol hasaba alnyp, şolaryň 2-sini müsürli Mohamed Hani geçirdi. Ol bir çempionatda 2 goly öz derwezesinden salan ilkinji futbolçy boldy.

* Çempionatda jemi 178 futbolçy tapawutlandy. Olardan başga-da 13 futbolçy öz derwezesinden gol saldy. 178 futbolçynyň 29-sy 2, 18-si 3, 3-si 4 gol geçirdi. 1 futbolçy 5, 2 futbolçy 6, 2 futbolçy 7, 1 futbolçy 8 hem-de 1 futbolçy 10 goly derwezä girizdi.

* Şu çempionatda 43 gol jerime urgularyndan geçirilip, bu iň ýokary görkeziji hökmünde hasaba alyndy. Mundan öňki iň ýokary statistika 1982-nji ýyldaky çempionatda bellige alnypdy. Şol çempionatda 32 gol jerime urgusyndan geçirilipdi.

* Çempionatda iň köp gol geçirenler Angliýanyň klublarynda oýnaýan futbolçylar boldy. «Premier Ligada» oýnaýan futbolçylar 75, «La Ligada» oýnaýanlar 45, «Bundesliganyň» wekilleri 24, «Ligue 1»-iň futbolçylary 23, «Serie A»-nyň oýunçylary 20 goly derwezä girizdi. Klublar boýunça «Real Madridiň» oýunçylary 22 gol (12 asist), PSŽ-liler 16 gol (7 asist), «Arsenalyň» futbolçylary 13 gol (15 asist), «Bawariýanyň» ýyldyzlary 8 gol (15 asist) geçirdi.

Umumylykda, «really» futbolçylaryň Dünýä Kubogynda geçiren gollarynyň sany 100-e ýetdi. «Bawariýalylaryň» 87, «barselonalylaryň» 78, «interlileriň» 76, «ýuwentuslylaryň» 62 goly bar.

* «Inter» topary 1982-nji ýyldan bäri finala azyndan 1 oýunçysy çykan ilkinji topardyr. «Inter» bu statistikany «Bawariýa» bilen paýlaşyp gelýärdi. Ýöne bu gezek «Bawariýadan» hiç bir futbolça şol statistika eýermek başartmady. Nemes klubunyň soňky wekili Harri Keýniň milli topary Angliýa ýarym finalda «interli» Lautara Martinesiň Argentinasyndan utulyp, statistika diňe italýan klubuna degişli bolup galdy.

* Dünýä Kubogynyň duşuşyklaryna stadionlarda 6 million 810 müň 966 janköýer tomaşa edip, bu taryhy rekord hökmünde hasaba alyndy. Ortaça 65 müň 490 janköýer tomaşa edip, bu görkeziji boýunça ABŞ 1994-den soň 2-nji orny eýeledi. Mundan 32 ýyl öňki çempionatda duşuşyklara ortaça 68 müň 991 janköýer tomaşa edipdi.

* Şu çempionatda 13-si gönümel, jemi 16 gyzyl kart görkezildi. Eminler jemi 277 gezek sary kartyna ýüz urmaly boldular (ortaça her oýunda 2,54). Marokkoly Issa Diop 3 sary kart alyp, bu ugurda öňe saýlandy. Müsürli futbolçylar 12, kanadalylar 11 sary kart aldylar.

* Eminlerden – finalda jürlewük çalan sloweniýaly Slawko Winçiç, iordaniýaly Adham Mahadmeh, salwadorly Iwan Barton, amerikaly Ismail Elfath, wenesuelaly Hesus Walensuela, angliýaly Maýkl Oliwer, fransiýaly Kleman Turpen dagynyň hersi 4 duşuşykda eminlik etdi.

* Çempionatyň umumy baýrak gaznasy 871 million dollara deňdir. Çempion topar çempionlyk baýragy hökmünde 50 million dollar alsa, finalça 33 million dollar berler. 3-nji ýeri eýelän topar 29, 4-nji orunda tamamlan 27, çärýek finalda utulanlar 19, 1/8 finaldan yzyna gaýdanlar 15, 1/16 finala çykanlar 11 million dollar pul baýragy bilen sylaglanar. Toparçadan çykyp bilmedik toparlar bolsa 10 million dollarlyk pul baýragyny gazandylar.

* Argentinanyň ýygyndysy 3 finalda 90 minutyň dowamynda takyk urgy geçirmedik ýeke-täk ýygyndydyr (1990, 2014, 2026).

* Finalda 11 seýw eden argentinaly derwezeçi Emiliano Martinesiň bu görkezijisi çempion Ispaniýanyň derwezeçisi Unaý Simonyň tutuş çempionatyň dowamynda eden seýwinden köpdür (10 seýw).

* Lionel Messi Argentinanyň ýygyndysy bilen 5-nji gezek finalda utulyp, ol bu ugurda watandaşy Hawier Maskerano bilen deňleşdi.

# DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ UMUMY STATISTIKALARY

| FIFA DÜNÝÄ KUBOGY | | FINAL DUŞUŞYGY | | | BÜRÜNÇ MEDAL DUŞUŞYGY | | | ÇEMPIONATYŇ ÝYLDYZLARY | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ÝYLY | GEÇIRILEN ÝERI | ÇEMPION | HASAP | FINALÇY | 3-nji ÝER | HASAP | 4-nji ÝER | ÇEMPION TÄLIMÇI | IŇ KÖP GOL GEÇIREN FUTBOLÇY | | IŇ KÖP ASIST EDEN FUTBOLÇY | | IŇ ÖKDE FUTBOLÇY | TOPAR SANY | DUŞUŞYK SANY | GEÇIRILEN GOL | ORTAÇA GOL | ŞÄHER/STADION | TOMAŞAÇY | ORTAÇA TOMAŞAÇY |
| 1930 | URUGWAÝ | Urugwaý | 4–2 | Argentina | ABŞ | — | Ýugoslawiýa | Alberto Suppiçi | Gillermo Stabile (Argentina) | 8 | Manuel Ferreira (Argentina) | 4 | | 13 | 18 | 70 | 3,89 | 1/3 | 434 500 | 24,139 |
| 1934 | ITALIÝA | Italiýa | 2–1 (g.w,) | Çehoslowakiýa | Germaniýa | 3–2 | Awstriýa | Wittorio Pozzo | Oldrih Neždli (Çehoslowakiýa) | 5 | Jowanni Ferrari (Italiýa) | 4 | | 16 | 17 | 70 | 4,12 | 8/8 | 358 000 | 21,059 |
| 1938 | FRANSIÝA | Italiýa | 4–2 | Wengriýa | Braziliýa | 4–2 | Şwesiýa | Wittorio Pozzo | Leonidas (Braziliýa) | 7 | Ferens Şaş (Wengriýa) | 5 | | 15 | 18 | 84 | 4,67 | 9/10 | 376 000 | 20,889 |
| 1950 | BRAZILIÝA | Urugwaý | 2–1 | Braziliýa | Şwesiýa | 3–1 | Ispaniýa | Huan Lopes Fontana | Ademir (Braziliýa) | 9 | Ademir (Braziliýa) | 6 | | 13 | 22 | 88 | 4 | 6/6 | 1 043 500 | 47,432 |
| 1954 | ŞWEÝSARIÝA | G. Germaniýa | 3–2 | Wengriýa | Awstriýa | 3–1 | Urugwaý | Sepp Herberger | Sandor Koçiş (Wengriýa) | 11 | Frits Wolter (G. Germaniýa) | 7 | | 16 | 26 | 140 | 5,38 | 6/6 | 889 500 | 34,212 |
| 1958 | ŞWESIÝA | Braziliýa | 5–2 | Şwesiýa | Fransiýa | 6–3 | G. Germaniýa | Wisente Feola | Žýust Fonten (Fransiýa) | 13 | Raýmon Kopa (Fransiýa) | 8 | | 16 | 35 | 126 | 3,6 | 12/12 | 919 580 | 26,274 |
| 1962 | ÇILI | Braziliýa | 3–1 | Çehoslowakiýa | Çili | 1–0 | Ýugoslawiýa | Aýmore Moreira | Garrinça, Wawa (Braziliýa), | 4 | Mario Zagallo (Braziliýa) | 5 | | 16 | 32 | 89 | 2,78 | 4/4 | 899 074 | 28,096 |
| | | | | | | | | | Walentin Iwanow (SSSR), | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | Leonel Sançes (Çili), | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | Florian Albert (Wengriýa), | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | Dražan Ýerkowiç (Ýugoslawiýa) | | | | | | | | | | | |
| 1966 | ANGLIÝA | Angliýa | 4–2 (g.w.) | G. Germaniýa | Portugaliýa | 2–1 | SSSR | Alf Remzi | Eýsebio (Portugaliýa) | 9 | Sigrid Held (G. Germaniýa) | 4 | | 16 | 32 | 89 | 2,78 | 7/8 | 1 635 000 | 51,094 |
| 1970 | MEKSIKA | Braziliýa | 4–1 | Italiýa | G. Germaniýa | 1–0 | Urugwaý | Mario Zagallo | Gerd Mülller (G. Germaniýa) | 10 | Pele (Braziliýa) | 6 | | 16 | 32 | 95 | 2,97 | 5/5 | 1 603 975 | 50,124 |
| 1974 | GÜNBATAR GERMANIÝA | G. Germaniýa | 2–1 | Niderlandlar | Polşa | 1–0 | Braziliýa | Helmut Şön | Gžegož Lýato (Polşa) | 7 | Robert Gadoha (Polşa) | 5 | | 16 | 38 | 97 | 2,55 | 9/9 | 1 768 152 | 50,124 |
| 1978 | ARGENTINA | Argentina | 3–1 (g.w.) | Niderlandlar | Braziliýa | 2–1 | Italiýa | Sezar Luis Menotti | Mario Kempeş (Argentina) | 6 | 3 sany futbolçy | 3 | Mario Kempeş (Argentina) | 16 | 38 | 102 | 2,68 | 5/6 | 1 546 151 | 40,688 |
| 1982 | ISPANIÝA | Italiýa | 3–1 | G.Germaniýa | Polşa | 3–2 | Fransiýa | Enzo Birzot | Paolo Rossi (Italiýa) | 6 | Pier Litbarski (G. Germaniýa) | 5 | Paolo Rossi (Italiýa) | 24 | 52 | 146 | 2,81 | 17/14 | 2 109 723 | 40,572 |
| 1986 | MEKSIKA | Argentina | 3–2 | G. Germaniýa | Fransiýa | 4–2 (g.w.) | Belgiýa | Karlos Bilardo | Gari Lineker (Angliýa) | 6 | Diego Maradona (Argentina) | 5 | Diego Maradona (Argentina) | 24 | 52 | 132 | 2,54 | 11/12 | 2 393 331 | 46,026 |
| 1990 | ITALIÝA | Germaniýa | 1–0 | Argentina | Italiýa | 2–1 | Angliýa | Frans Bekkenbauer | Salwatore Skillaçi (Italiýa) | 6 | 3 sany futbolçy | 3 | Salwatore Skillaçi (Italiýa) | 24 | 52 | 115 | 2,21 | 12/12 | 2 516 348 | 48,391 |
| 1994 | ABŞ | Braziliýa | 0–0 (3–2 p) | Italiýa | Şwesiýa | 4–0 | Bolgariýa | Karlos Alberto Parreira | Hristo Stoiçkow (Bolgariýa), | 6 | Tomas Hassler (Germaniýa) | 5 | Romario (Braziliýa) | 24 | 52 | 141 | 2,71 | 9/9 | 3 587 538 | 68,991 |
| | | | | | | | | | Oleg Salenko (Russiýa) | | | | | | | | | | | |
| 1998 | FRANSIÝA | Fransiýa | 3–0 | Braziliýa | Horwatiýa | 2–1 | Niderlandlar | Emi Žake | Dawor Şuker (Horwatiýa) | 6 | 7 sany futbolçy | 3 | Ronaldo (Braziliýa) | 32 | 64 | 171 | 2,67 | 10/10 | 2 785 100 | 43,517 |
| 2002 | KOREÝA RES./ÝAPONIÝA | Braziliýa | 2–0 | Germaniýa | Türkiýe | 3–2 | Koreýa Resp. | Luiz Felipe Skolari | Ronaldo (Braziliýa) | 8 | Maýkl Ballak (Germaniýa) | 4 | Oliwer Kan (Germaniýa) | 32 | 64 | 161 | 2,52 | 20/20 | 2 705 197 | 42,269 |
| 2006 | GERMANIÝA | Italiýa | 1–1 (5–3 p) | Fransiýa | Germaniýa | 3–1 | Portugaliýa | Marçelo Lippi | Miroslaw Kloze (Germaniýa) | 5 | F. Totti (Italiýa), Rikelme (Argentina) | 4 | Zinedin Zidan (Fransiýa) | 32 | 64 | 147 | 2,3 | 12/9 | 3 359 439 | 52,491 |
| 2010 | GÜNORTA AFRIKA | Ispaniýa | 1–0 (g.w.) | Niderlandlar | Germaniýa | 3–2 | Urugwaý | Wisente del Boske | Tomas Müller (Germaniýa), | 5 | 5 sany futbolçy | 3 | Diego Forlan (Urugwaý) | 32 | 64 | 145 | 2,27 | 9/10 | 3 178 856 | 49,670 |
| | | | | | | | | | Dawid Wilýa (Ispaniýa) | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | Wesli Sneider (Niderlandlar), | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | Diego Forlan (Urugwaý) | | | | | | | | | | | |
| 2014 | BRAZILIÝA | Germaniýa | 1–0 (g.w.) | Argentina | Niderlandlar | 3–0 | Braziliýa | Ýoahim Löw | Hames Rodriges (Kolumbiýa) | 6 | Huan Kuadrado (Kolumbiýa) | 4 | Lionel Messi (Argentina) | 32 | 64 | 171 | 2,67 | 12/12 | 3 429 873 | 53,592 |
| 2018 | RUSSIÝA | Fransiýa | 4–2 | Horwatiýa | Belgiýa | 2–0 | Angliýa | Didie Deşam | Harri Keýn (Angliýa) | 6 | 16 sany futbolçy | 2 | Luka Modriç (Horwatiýa) | 32 | 64 | 169 | 2,64 | 11/12 | 3 031 768 | 47,371 |
| 2022 | KATAR | Argentina | 3–3 (4–2 p) | Fransiýa | Horwatiýa | 2–1 | Marokko | Lionel Skaloni | Kilian Mbappe (Fransiýa) | 8 | 5 sany futbolçy | 3 | Lionel Messi (Argentina) | 32 | 64 | 172 | 2,69 | 5/8 | 3 404 252 | 53,191 |
| 2026 | ABŞ/MEKSIKA/KANADA | Ispaniýa | 1–0 (g.w.) | Argentina | Angliýa | 6–4 | Fransiýa | Luis de la Fuente | Kilian Mbappe (Fransiýa) | 10 | Maýkl Olise (Fransiýa) | 7 | Rodri (Ispaniýa) | 48 | 104 | 308 | 2,96 | 16/16 | 6 810 966 | 65,490 |